**B.BASAROW**

# ARAGATNAŞYGYŇ PSIHOLOGIÝASY

***Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy***

***Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**AŞGABAT - 2010**

**Professor B.Basarow**
**Aragatnaşygyň psihologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 86 sah.

## Sözbaşy

Hormatly Prezidentimiziň halkymyzyň taryhda öz ruhy özboluşlylygy bilen dünýä siwilizasiýasyna mynasyp goşant goşan milletdigi dogrusyndaky pikirlerinden ugur alyp, aňyň milli sosial-psihologik düzüjileri, onuň ruhy-ahlak ýörelgeleriniň aýratynlygy we beýleki wajyp meseleler boýunça ösýän şahsyýetiň psihologik taýýarlygynyň nazary we amaly meseleleri giňişleýin seljerilýär.

Aragatnaşygyň iş bilen arabaglanyşygy bilen baglanşygy barada birnäçe garaýyşlar bar, olaryň birinde aragatnaşyk işiň bir tarapy hökmünde seredilýän bolsa, beýleki birinde bularyň ikiside has umumy hadysa bolan özara täsiriň degişli taraplary hasap edilýär. Bularyň üçünji birinde bolsa argatnaşyk işiň özbaşdak görnüşi hökmünde seredilýär. (ýa-da bolmasa onuň şeýle özbaşdaklyga eýe bolup bilýänligi ykrar edilýär) Mysal üçin A.A.Leontýew aragatnaşygy sözleýiş argatnaşygy görnüşinde işiň özbaşdak görnüşi hasaplap, onda işiň adaty, psihologik gurluşyndaky ähli düzüm böleklerini – maksady, motiwi, alnyp baryş usullaryny, predmeti-dersi ýüze çykarýar.

Adamyň gündelik iş-durmuşynda adatça iki dürli problema situasiýasy ýüze çykýar: kommunikatiw-aragatnaşyk problema-situasiýasy (mesele ýagdaýy) we akyl ýetiriş – kognitiw situasiýasy. Bularyň birinjisinde dil belgileri taraplaryň biri-birine pikir aňlatmasyny geçirmekde hyzmat edýän bolsa, ikinjide haýsydyr bir hadysa akyl ýetirmekde, seljermekde ulanylýar. Meselem: biz aragatnaşyk prosesinde dil belgilerine esaslanýan maglumatlary geçirenimizde akyl ýetiriş gurluşy bar hem bolsa, ol esasy zat däldir. Bu ýerde esasy zat – aragatnaşygy göwnejaý guramakdyr. Ýöne haçan-da biz degişli tekstiň, temanyň sözlemleriniň düzülişine olaryň semantiki agramlyk derejesine üns berenimizde bu ýerde

akyl ýetiriş problema situasiýasy, ýagny, näbellini bellä öwürmek maksady aýgytlaýjy bolýar. Dil belgilerini akyl ýetiriş prosesinde guramaklyk psihologik nuktaýdan pikirlenme we kabul ediş prosesleri görnüşinde ýüze çykýar. Bu babatda pikirlenmäniň çet ýurt dilini özleşdirmekde roly belli bir çekişmeler döredýär. Kommunikatiw prosesde akyl ýetirişiň kabul edişiň üsti bilen amala aşyrylyşynyň hem düýpli özboluşlylygy bardyr.

## Bap 1. Aragatnaşygyň psihologiýasynyń dersi

### 1.1 Aragatnaşygyń psihologik häsiýetnamasy

Aragatnaşyk hadysasy esasan sosial psihologiýanyň mazmunynda öwrenilip, onuň öz hususy psihologik gurluşy bardyr. Ýada salsak, anglo-amerikan psihologiýada aragatnaşyk özbaşdak hadysa görnüşinde däl-de, köplenç, taraplaryň maglumat alyşmaklygy-kommunikatiw proses hökmünde seljerilýär. Aragatnaşygyň özbaşdak hadysa görnüşinde seredilmeginiň, onuň kommunikasiýa ýa-da interaksiýa syrykdyrylmazlygyň maksadalaýyklygy ýene-de bir ýagdaý bilen şertlendirilýär. Bilşimiz ýaly, adamyň psihikasynyň hem bütewi gurluş görnüşinde hem-de duýgy, pikir, hereket görnüşinde häsiýetnamasy bardyr. Bu ýerde hem, aýdaly, akyl ýetiriş hadysalaryň ýokary ähmiýetliligine garamazdan psihikany pikirlenmä ýa-da beýleki proseslere syrykdyrmak bolmaz. Edil akyl-ýetiriş duýgy-emosiýa. Erk-hereket hadysalarynyň özbaşdak häsiýetnamasy bilen bir hatarda bütewi psihikanyň mazmunynda seredilşi ýaly, aragatnaşyk hem özbaşdak bütewi sosial psihologik hadysa görnüşinde seredilmelidir.

Bir söz bilen aýdylanda aragatnaşygyň psihologiýasynyň desi aragatnaşyk hadysasydyr. Aragatnaşyk özbaşdak psihologik hadysa hökmünde psihologiýanyń ylym ugurlarynyń dińe käbirinde esaslandyrylýar. Meselem, ińlis psihologik ylym ulgamynda aragatnaşyk örän dar görnüşde, ýagny, kommunikasiýa-maglumat geçirmek mazmunda seredilýär. Nemes klassyk pelsepe edebiýatynda getirilýän "Ferker" düşünjesi köp derejede aragatnaşygyń özbaşdak görnüşde seredilişine manydaşdyr.

Rus psihologik edebiýatynda esaslandyrylýan "Obşeniýe" düşünjesi aragatnaşygy özünde kommunikasiýany, interaksiýany, persepsiýany jemleýän özbaşdak mazmun görnüşinde häsiýetlendirýär.

Aragatnaşyk özbaşdak sosial psihologik hadysa görnüşinde seredilende ýokarky üç tarapy özüne birleşdirýän gurluş bolýar. Aragatnaşyga kesgitleme bermeklik belli bir kynçylyklar bilen baglanyşyklydyr. Söýüşýänleriň diňe bir ýürek gürsüldisi bilen biri-biriniň ýagdaýyny duýmaklygy, mugallym bilen okuwçynyň özara söhbeti, arşdan kosmonawtyň uçuşy dolandyryşyň ýolbaşçysy bilen söhbeti, är-aýalyň biri-birine iňirdisi, adamyň kompýuter bilen maglumat alyşmagy we beýlekiler aragatnaşygyň ummasyz görnüşleriniň diňe käbir görnüşleridir. Şeýle ýaýraňlyk aragatnaşyga kesgitleme bermekligi kynlaşdyrýar.

Psihologik hadysa hökmünde aragatnaşyk dürli awtorlar tarapyndan dürli-dürli kesgitlenýär. Meselem: B.F.Lomow aragatnaşygy taraplaryň bir-birleriniň psihiki häsiýetlerini ýüze çykarmaga gönükdirilen we onuň netijesinde şahsyýetara gatnaşyklary (sulh almaklyk-simpatiýa, sulh almazlyk-antisimpatiýa we ş.m.) döredilýän hadysa hökmünde kesgitleýär.

Aragatnaşygyň psihologik jähtden kesgitlemesine golaýlaşmagyň oňaýly usullarynyň biri ony maksady we amala aşyrylýan serişdesi nukdaýdan häsiýetlendirmekdir.

Maksat jähtden – toparlaryň biri-birine maglumat, pikir, duýgy, hereket geçirip, garşydaşyň içki dünýäsine aralaşmak we onuň esasynda öz pikir duýgularyňa has çuňňur düşünmek, garşydaşyňa we özüňe ezýet berýän pikir-duýgulardan saplamak we beýleki golaý we uzak ýumuşlara niýetlenendir. Kä halatlarda aragatnaşygyň maksady niýetde aýdyňlaşdyrylman ol adamda toplanan funksional energiýany sarp etmeklige gönükdirilen häsiýetde hem bolup bilýär.

Alnyp barlyş serişdeleri nukdaýdan aragatnaşyk – dil üsti we dil üsti däl maglumat geçiriş (sözüň giň manysynda ) serişdelerine daýanýar.

Gündogaryň köşk däbinde kabul edilen şeýle bir düzgün bu babatda üns bererlikdir. Eger-de köşkde döwlet

ähmiýetli wezipe ynanylan adamlaryň biri ogurlykda, içalylykda tutulsa patyşa oňa ýüpekden işilen ýüpi emeldarlaryndan goýberipdir. Kazyýetde sorag-jogap edilip, ile biabraý bolmazlygy üçin günäkär adam ýüpi alan badyna öz-özüni asmalydygyna düşünipdir. Göräýmäge dilüsti maglumat geçirişiň mümkinçiligi iňňän ýokary bolup görünse-de, dilüsti däl aňladyş serişdeleriniň bu babatda maglumatyň has inçe öwüşginlerini geçirmeklige mümkinçiligi uludyr. Özünden zory görende biygtyýar bükülýän, ejizi görende temegini ýokary tutýan adamyň gylygyny, zandyny söz üsti bilen beýan etmek örän ýüzleý bolar. Onuň şol biygtyýar gymyldy-hereketleri söz üsti häsiýetlendirmeden has çuň we inçedir.

Bellenilişi ýaly zähmet işi öz degişli gurallary bilen adamyň esasan tebigat, barlyk bilen özara gatnaşygyny dörediýän we aralaşdyrýan bolsa, aragatnaşyk (söz, pikir, duýgy, herket alyşmak hökmünde) adamyň beýleki adamlar we öz-özi bilen gatnaşygyny döredýär we aralaşdyrýar. Edil zähmetiň pil, palta, kompýuter ýaly gurallarynyň bolşy ýaly aragatnaşygyň hem degişli psihologik "gurallary" (belgiler) bardyr, sözüň belli bir manysynda adamyň zähmet işi hem (bilelikdäki iş) aragatnaşygyň belli bir görnüşi bolup durýar. Şeýle giň mazmunly aragatnaşyk hadysalarynyň birnäçe derejelerini ýüze çykarmak mümkin:

1. Iş hereket aragatnaşygy (has gadymy),
2. Pikir – akyl ýetiriş aragatnaşygy,
3. Duýgy – duýgudaşlyk aragatnaşygy.

Aragatnaşygyň birinji görnüşiniň has gadymy hasaplanmagy entek gadymy adamlaryň bilelikdäki aw pursatynda aragatnaşygyň beýleki görnüşleriniň entek özbaşdak däl-de, esasy işe tabyn bolýanlygy bilen düşündirilýär. Onuň soňky iki görnüşiniň giç peýda bolýanlygy jemgyýetiň ösüşinde pikir alyşyp ýumuş çözmek, duýgy alşyp hasratdan saplanmak ýaly

tutumlaryń jemgyýetçilik ösüşiń sońuyrak döwürlerinde peýda bolanlygy bilen baglanyşyklydyr.

Pelsepe klassyklaryń "Ilki döredijilikli zähmet sońra bolsa, söz - belgi aragatnaşyk maýmynyń adama öwrülmegine sebäp bolan esasy şertler" aýtmalary hakykata laýykdyr. Belli fransuz lýotçigi, ýazyjysy Sent-Ekzýuperiniń aýdyşyna görä aragatnaşyk ýeke-täk adama berlen tapalgysyz gymmatlyjdyr diýip belleýär. Eýsem aragatnaşyk näme?

Bu hadysanyń ýokarda görkezilen köpdürliligi onuń bir mazmunly kesgitlemesini kynlaşdyrýar. Aragatnaşyk dińe bir tarapyń maglumat ýa-da haýsydyr başga bir zat alyşmagyna syrykdyrylyp bilinmez. Ýöne aragatnaşygyń mazmunynda aragatnaşyk hadysasy esasy many döredijі düşünje bolup galýar. Hut şonuń üçin psihologlaryń belli bir bölegi aragatnaşygy dińe maglumat alyşmak diýip kesgitleýän bolsa, köp bölegi onuń juda çäklidigini nazarda tutup, aragatnaşygy ykdysadyýet ulgamynda gińden ýaýran alyş-çalyş nukdaýdan derńemekligi teklip edýärler. Şol bir wagtyń özünde aragatnaşygy alyş-çalyş nukdaýnazardan derńemeklik hem doly maksada laýyk däldir. Munuń sebäbi informasion jähtden taraplaryń şol bir sowal boýunça mukdar taýdan deń maglumat alyşmaklygy olaryń many, ähmiýet taýdan deńligini ańlatmaýar. Mysal üçin: 10 ýaşly ýetginjek we gartaşan adam üçin "Durmuş bir gezek berilýär" ańlatmany kabul etmegi söz, sözlem möçberi taýdan birmeńzeş hem bolsa, olaryń her biri üçin bu sözlemiń ýüregi dińlemek häsiýetdäki ähmiýeti başga-başgadyr.

Aragatnaşygyň sosial psihologik mazmunynda derňelen hem bolsa, onuň özbaşdak ders hökmünde seredilmegine düýpli esas bardyr. XX asyrdan başlap, ondan soňky döwürlerde ähli diýen ýaly medisina keselleriniň esasynda adanlaryň kanagatlanarly aragatnaşyk alyp barmaga ukypsyzlygy durýar. Biz gündelik durmuşda: "Pylany ýolbaşçysyndan käýinç

alanyndan soňra, pylany işdeş ýoldaşy bilen käýişenden soňra infarkt alypdyr we ş.m. ýaly sözleri ýygy-ýygydan eşidýäris.”

Döwrümizde ýoň bolan telekeçileriň ýygy-ýygydan boş-bankrot düşmeklidi hem köp derejede onuň eýeleriniň degişli kärdeşler – komponiýonlar bilen göwnejaý aragatnaşyk gurap bilmezligi esasynda ýüze çykýar. Aýratyn bir adamyň iş-durmuşyna, ömrüne degişlilikde aýdylanda bolsa, şeýle ömrüň manyly bolmaklygy adamyň ýaşlykdan özüniň ikinji “Menini” saýlap bilmekligine hemişe ýüregini açyp bilýän dost saýlap bilmekligine baglydyr. Bu meseläniň oňyn çözgüdi hem gös-göni adamyň aragatnaşyk gurap bilmek ukybyna bagly bolýar.

## 1.2 Aragatnaşygyń guralyş esaslary

Aragatnaşygyń köpdürliliginden onuń özara düşünişmek häsiýetdäki görnüşi
özüniń maksadalaýyk guralşynda birnäçe şertlere esaslanýar:

Aragatnaşykda özara düşünişmeklik haçan-da taraplaryń biriniń aýdýan zady beýlekisiniń ýadynda belli bir meńzeş düşünjeleri oýarýan ýagdaýynda özara düşünilişe ýetilýär. Özara gatnaşykda taraplaryń birmeńzeş düşünjelere daýanyp hereketlenmegine aragatnaşyga “Tezaurus” çemeleşmesi diýilýär. Şol bir wagtyń özünde taraplaryń biri-birine geçirýän maglumaty şol bir görnüşinde däl-de, taraplaryń her biriniń maksadyna laýyklykda özgerdilen görnüşde paýhasa ornaşdyrylýar we ugrukdyryjy güýje öwrülýär. Diýmek, özara düşünilişli aragatnaşygyń ikinji bir esasy şerti maksat şertidir. Taraplaryň aragatnaşygynyň amala aşyrylmagy, bilim - düşünjeleriniň meňzeş bolmaklygy bilen bir hatarda bu bilim - düşünjeleriniň göwrün, çuňluk

taýdan deň bolmagy hem esasy şertleriniň biridir. Özara düşünişli aragatnaşygyň maksat şerti birnäçe ugur boýunça yzarlanýar: aragatnaşygyň maksadyny ýagdaýlaryň üýtgemek mümkinçiligini nazarda tutup, öňünden çaklamak; aragatnaşygyň maksadyny oňaýetmek üçin zerur bolan serişdeleriň ýeterlidigini nazarda tutup, öňünden çaklamak; aragatnaşygyň görnüşleriniň (içgin, işewür, albaýly (manipulýatiwnyý) we ş.m.) üýtgemeklerini nazarda tutup, öňünden çaklamak;

Aragatnaşygyň maksadyny onuň geldi-geçer, pursatlaýyn ýa-da dowamly, durnukly häsiýetde bolmaklygyny nazarda tutup, öňünden çaklamak we beýlekiler.

Psihologiýada "adam bar zady däl-de, göresi gelýän zadyny görýär, eşidesi gelýän zadyny eşidýär" – fenomenologik pähimi mälimdir. Şuňa laýyklykda aragatnaşykda taraplarda (portnýorlarda) özlerini biri-birleriniň ornuna goýup görmek, syzýan duýgusyna aralaşmak meýli bolmasa, özara düşünişmeklik gazanylmaýar. Empatiýa – bu adamyň özüni garşydaşynyň ornunda goýup onuň duýgusyny onuň hut özi ýaly syzyp bilmekligidir. Aragatnaşykda taraplaryň bir-biriniň duýgy-emosional ýagdaýlaryny bahalandyrýandygy mälimdir. Ỳöne aragatnaşygyň üstünlikli bolmagy üçin, taraplaryň bir-birine oňyn-položitel gatnaşygy hioç bolmanda, karzlaýyn-öňünden döretmegi zerurdyr. Başgaça aýdanyňda, taraplar bir-birini ilkibaşdan sarpa goýmak pikirini hormatlamak häsiýetinde kabul etmelidirler. Şol bir wagtyň özünde garşydaşyna bütewi şahsyýet hökmünde oňyn gatnaşykda bolmak onuň käbir häsiýetlerini makullamaklygy aňladýar. Ỳada salsak duýgy-emosional hadysalaryň esasy aýratynlygy olaryň goşa ambiwalent häsiýetde bolýanlygydyr. Ỳagny, oňun ýa-da oňyn däl duýgularyň birbada syzylmagy.

Psihologik jähtden aragatnaşyk ýokarky empatiýa şertine laýyklykda diňe taraplaryň şu pursatda syzýan

duýgularyna tabynlykda geçýän ýaly bolup görünýär. Emma adamyń iş-durmuşynyń mazmunyndan jemgyýet kadalaryna-normalaryna tabynlyk hiç wagt aýrylmaýar. Munuń esasy sebäbi adamyń işiniń diňe maýyllylyk duýgusy esasynda däl-de, eýsem zerurlyk meýliniń duýgusynyń esasynda guralýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Diňe maýyllylyga tabyn bolýan iş hiç bir hili netijä ornaşman, göwün ýüwürtme derejesinde hem galmaklygy mümkindir.Işiń şeýle häsiýetine hökmanylyk öwüşgin berýän zat zerurlykdyr. Jemgyýetçilik normalary aragatnaşykda taraplary ulanylýan pikir-düşünjeleriń ahlak, medeni, syýasy jähtden maksada laýyk bolmaklygyny üpjin edýär.

Aragatnaşygyń jemgyýetçilik normalara şeýle hem ahlak psihologik normalara ýokary derejede tabyn görnüşleri işewür we ritual-däp-dessur aragatnaşyklarydyr. Onuń bu babatda has erkin görnüşi ynsanperwer – gumanistik aragatnaşykdyr.

Aragatnaşygyń hususy psihologik tarapyny ýüze çykarmak üçin ońa ugurdaş birnäçe düşünjelere seretmeli bilýar. Ol düşünjelere “Özara täsir”, “Iş”, “Özara gatnaşyk”, “Jemgyýetçilik gatnaşyklary” we beýlekiler degişlidirler. Bu düşünjelerden göwrümi boýunça has giňi “özara täsirdir”. Ol diňe bir panly ulgamda däl (fotosintez), hat-da pansyz ulgamda hem bolýar. Mysal üçin: ýeliń gaýa degip, ony kem-kemden inçeltmegi, suwuń kenara täsiri we beýlekiler. Öňe gidip aýtsak adamyń aragatnaşygy hem diňe özara täsir derejede bolup biler, “özara gatnaşyk” hususy psihologik aragatnaşyga örän golaýdyr.

Iş özara täsire seredeniňde has dar hadysa bolup, onda hereketlendirijiniň işjeňligi, gönükdirilmegi göz öňünde tutulýar. Özara gatnaşyk işden hem dar häsiýetde bolup, ol aragatnaşygyň hem diňe käbir derejelerinde bolýar. (öňe gidip aýtsak, däp-dessur aragatnaşykda sözüň doly manysynda taraplaryň özara gatnaşygy ýokdur,

emma ynsanperwer-gumanistik aragatnaşygy taraplaryń özara gatnaşygy bolmasa göz öńüne getirmek kyndyr.)

Iş hem adamyń ýaşaýyş ulgamynda aragatnaşyga seredeninde has giń düşünjedir. Munuń sebäbi taryhy jemgyýetçilik ösüşde aragatnaşyk sözleýiş aragatnaşygy hökmünde işiń diňe aýry-aýry böleklerine gatnaşýar.

Işiń meýilnamalaşdyryş, guramaçylyk, dolandyryş ýaly düzüm böleklerine aragatnaşyk sözleýiş görnüşinde ilki-ilkiler onuń diňe dolandyryş düzüm bölegine gatnaşýar. Gadymy adamlaryń bilelikdäki aw wagtynda gabawa alnan haýwanyń öńüni dolamak, ony garma kowmak boýunça biri-birine gykylyklamasy aragatnaşygyń, işiń dolandyryş böleginde ýüze çykyşynyń mysalydyr.

Diýmek, birinji döwürde iş bilen aragatnaşyk bir bitewilikde bolýar.

Ikinji döwürde aragatnaşyk wagt, giňişlik taýdan aýrylýan hem bolsa, entek aragatnaşygyń işden psihologik özbaşdaklygy bolmaýar. Bu döwürde aragatnaşyk aw, beýleki iş gurallary kämilleşdirmek, käbir adamlary awdan boşadyp, olara gural tabşyrmak, beýlekilerine awuń bol ýerini agtarmak we awuń özüni nähili geçirmelidigi baradaky maksatlary meýilnamalaşdyrlyşa gatnaşýarlar.

Űçünji döwürde aragatnaşyk işden doly aýrylyp, onuń hut özi işiń özbaşdak görnüşi häsiýetde ýüze çykýar. Bu döwürde sözleýiş wagt jähtden işiň mazmunyndan onuň öňisyrasy we yzysüre özbaşdaklygy boýunça ondan saýlanýar, başgaça aýdanyňda, aw işine girişilmezden ozal sözleýiş arkaly onuň meýilnamalaşdyrylyşy amala aşyrylyp, iş tamamlananyndan soňra bolsa, ýene-de sözleýiş arkaly gazanylan netije ilkibaşdaky maksat bilen baglanyşdyrylýar we işiň başardanlygy ýa-da başartmanlygy söz, pikir alyşmak arkaly bahalandyrylýar. Bilişimiz ýaly, haýsydyr bir gymyldy hereketleriń işiń özbaşdak görnüşine öwrülmekligi üçin onuń maksady we motiwiniń gabatlaşmagy zerurdyr. Başgaça aýdanyńda,

gymyldy hereketiń nämä gönükdirilenligi bilen onuń nämäniń haýryna niýetleri birmeńzeş bolmaýar. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyń daşyndan göräýmäge aragatnaşykdan uzagrakda görünýändigine garamazdan aragatnaşygyń umumy esasyny ýerliligi we şońa laýyklykda düşünilişi döretmekde ähmiýeti örän uludyr.

Aragatnaşygyń iş bilen arabaglanyşygy dogrusynda birnäçe garaýyşlar bar, olaryń birinde aragatnaşyk işiń bir tarapy hökmünde seredise, beýleki birinde bularyń ikiside has umumy hadysa bolan özara täsiriń degişli taraplary hasap edilýär. Bularyń üçünji birinde bolsa argatnaşyk işiń özbaşdak görnüşi hökmünde seredilýär. (ýa-da bolmasa onuń şeýle özbaşdaklyga eýe bolup bilýänligi ykrar edilýär) Mysal üçin A.A.Leontýew aragatnaşygy sözleýiş argatnaşygy görnüşinde işiń özbaşdak görnüşi hasaplap, onda işiń adaty, psihologik gurluşyndaky ähli düzüm böleklerini – maksady, motiwi, alnyp baryş usullaryny, predmeti-dersi ýüze çykarýar.

Bilişimiz ýaly steriotipleşdirmeklik – bu garşydaşyń barada örän az maglumatyń esasynda ol barada giňişleýin, umumylaşdyrylan netijä gelmekdir. Steriotip şol bir wagtyń özünde bu adamy ol barada çäkli maglumat esasynda ony haýsydyr bir sosial topara goşmakdyr. Albaýly argatnaşykda sretiotipleşdirmek bilen bir hatarda şahsyýetiń "öz bilişińe laýyk, ineplitist" taglymatyny döretmek usuly hem ulanylýar. Mysal üçin: eger-de adam ýumşak bolsa, biz onuń galan häsiýetlerini özümizçe döredýäris: eger adam ýumşak bolsa, diýmek ol geçirimli.

Ysnyşdyryjy aragatnaşykda duýgy-emosional esasynyň, duýgy empatiýanyň bolýandygyny bellemelidir. Jemgyýetçilik gatnaşyklarda bolsa, olaryň esasyny hiç bir hili duýga, emosiýa dahylsyz obýektiw mazmunlar düzýär. Şahsyýetara gatnaşyklarynyň esasyny düzýän duýgy- emosiýalaryň adatça iki görnüşi tapawutlandyrylýar. Olar konýungtiw we dezýungtiw duýgulardyr.

Konýungtiw duýgular – bu duýgular adamlary biri-birine ysnyşdyryp, topary jebisleşdiriji täsirde bolýar. Bu duýgulary syzýan adamlaryň toparynda adamlar biri-birine höwes bildirilýän obýekt görnüşinde kabul edilip, taraplar biri-birine özara hyzmatdaşlykda bolmaklyga taýýarlygyny duýduryarlar. Dezýungtiw duýgularda bolsa ýagdaý tersinedir.

Psihologiýada “adam bar zady däl-de, göresi gelýän zadyny görýär, eşidesi gelýän zadyny eşidýär” – fenomenologik pähimi mälimdir. Şuňa laýyklykda aragatnaşykda taraplarda (portnýorlarda) özlerini biri-birleriniň ornuna goýup görmek, syzýan duýgusyna aralaşmak meýli bolmasa, özara düşünişmeklik gazanylmaýar. Empatiýa – bu adamyň özüni garşydaşynyň ornunda goýup onuň duýgusyny onuň hut özi ýaly syzyp bilmekligidir. Aragatnaşykda taraplaryň bir-biriniň duýgy-emosional ýagdaýlaryny bahalandyrýandygy mälimdir. Ỳöne aragatnaşygyň üstünlikli bolmagy üçin, taraplaryň bir-birine oňyn-položitel gatnaşygy hiç bolmanda, karzlaýyn-öňünden döretmegi zerurdyr. Başgaça aýdanyňda, taraplar bir-birini ilkibaşdan sarpa goýmak pikirini hormatlamak häsiýetinde kabul etmelidirler. Şol bir wagtyň özünde garşydaşyna bütewi şahsyýet hökmünde oňyn gatnaşykda bolmak onuň käbir häsiýetlerini makullamaklygy aňladýar. Ỳada salsak duýgy-emosional hadysalaryň esasy aýratynlygy olaryň goşa ambiwalent häsiýetde bolýanlygydyr. Ỳagny, oňun ýa-da oňyn däl duýgularyň birbada syzylmagy.

Psihologik jähtden aragatnaşyk ýokarky empatiýa şertine laýyklykda diňe taraplaryň şu pursatda syzýan duýgularyna tabynlykda geçýän ýaly bolup görünýär. Emma adamyň iş-durmuşynyň mazmunyndan jemgyýet kadalaryna-normalaryna tabynlyk hiç wagt aýrylmaýar. Munuň esasy sebäbi adamyň işiniň diňe maýyllylyk duýgusy esasynda däl-de, eýsem zerurlyk meýliniň duýgusynyň esasynda guralýanlygy bilen

baglanyşyklydyr. Diňe maýyllylyga tabyn bolýan iş hiç bir hili netijä ornaşman, göwün ýüwürtme derejesinde hem galmaklygy mümkindir. Işiň şeýle häsiýetine hökmanylyk öwüşgin berýän zat zerurlykdyr. Jemgyýetçilik normalary aragatnaşykda taraplary ulanylýan pikir-düşünjeleriň ahlak, medeni, syýasy jähtden maksada laýyk bolmaklygyny üpjün edýär. Aragatnaşygyň jemgyýetçilik normalara şeýle hem ahlak psihologik normalara ýokary derejede tabyn görnüşleri işewür we ritual-däp-dessur aragatnaşyklarydyr. Onuň bu babatda has erkin görnüşi ynsanperwer – gumanistik aragatnaşykdyr.

## 1.3 Aragatnaşykda serişde meselesi

Adamzadyň bir nesilde ýetilen ruhy, medeni, ylmy, sosial gazanmalaryny geljekki nesillere geçirmek mümkinçiligi döreden belgiler ulgamydyr. Sözüň giň manysynda belgi adamyň ýa-da beýleki ösen janly gurluşlaryň intellektual-pähimli özuni alyp barşyny aralaşdyrylýan, real predmetleriň ornuny tutýan şertli mazmundaky hadysadyr.

Belgi gös-göni psihologiýanyň öwreniş dersi däldir. Ol şeýle häsiýetde semiotikanyň ýa-da semiologiýanyň öwreniş dersidir. Belgileriň semiotiki we psihologiki jähtden öwrenilişiniň düýpli aýratynlyklary bardyr. Belgi semiotiki jähtden haýsydyr bir hadysanyň beýleki bir hadysany çalşyrmagy, onuň ornuny tutmagydyr. Mysal üçin: A harpynyň Morze elipbiýinde kese çyzyk we birnäçe nokatlar bilen bellenilişi. Psihologik jähtden orun tutmaklyk häsiýetnamasy göz öňünde tutulsa-da, ýöne belgiden edilýän esasy talap belginiň jemleýji häsiýetnamasyny özünde jemlemekligidir (jemlemek bu ýerde bir däl-de bir topara degişli zatlaryň umumy we düýpli häsiýetlerini görkezmekligidir). Ỳagny, bir zady beýleki zat bilen diňe bir çalşyrman, eýsem çalşyryjyda

jemleýji häsiýet ýüze çykan wagtynda hakyky manysyna eýe bolýar. Başgaça aýdanyňda, psihologiýada belgi çalşyryjy we jemleýji funksiýalara bütewilikde eýe bolýar. Semýotikanyň belgä garaýşyny psihologiýadan has daşlaşdyrýan zatlaryň biri-de, onda beýan edilişiň esasan maglumat-informasion taglymata laýyklykda berilýänligidir. Belgi psihologiýada hut soňky mazmunda seredilýänligi üçin haýwanlara degişlilikde ol diňe bir zady beýleki bilen çalşyrmak häsiýetde bolýar. Emma haýwan üçin çalşyrylýan zat onuň diňe esasy häsiýetiniň şertli aňladyjysy bolman, eýsem çalşyrylýan zadyň hakyky özi hökmünde bolýar.

Belgini ulanýan haçan-da, maddy taýdan birmeňzeş funksiýalary, başga-başga tapawutlandyryp bilen ýagdaýynda we tersine, maddy taýdan başga-başga funksiýalary, meňzeş signallary birleşdirip bilen ýagdaýynda, belgi sözüň doly manysynda belgä öwrülýär. Göräýmäge haýwanlaryň hem käbir görnüşleri bu agzalan ukyp-başarnyklary ýerine ýetirip bilýän ýaly bolup görünýär. Mysal üçin, höwürtgäni başga-başga materiallardan ýasap bilmeklik (materially başga, funksiýasy birmeňzeş signallary seljermek), käbir haýwanlaryň adam şekilli garantgylaryň howpsuzlygyna göz ýetirip bilmegi (materialy bir funksiýalary başga-başga signallary seljermek).

Emma hakykatda bolsa haýwanat dünýäsinde dil belgisiniň habar bermek – signalizasiýa, orun tutmak – kodifikasiýa, belgilemek – signifikasiýa, many döretmek – semantizasiýa, jemlemek – generializasiýa – ýoly hyzmat funksiýalaryň diňe sanlyja görnüşini ýerine ýetirýär.

Dil belgisiniň many – ähmiýet funksiýasy dil belgisiniň semiotiki we psihologiki jähtden öwrenilişini seljermäge mümkinçilik berýän taraplarydyr. Aýdaly “Daşarda ýagyş ýagýarmy?” diýen sowala “howa” ýa-da “ýok” diýilmeginiň ikisinde-de semiotiki nukdaýdan bir bitewi maglumat – informasiýa berýär. Emma psihologik

jähtden bolsa, sowala “howa” diýen jogap ony has ynjalyksyzlandyrmagy mümkin bolýar. (wadalaşylan ýere barmagyň we ýagyş astynda oturmagyň oňaýsyzlygy, saýawan aladasyny etmek we ş.m. goşmaça many döredijiler bilen baglanyşykly bolýar).

Filosofiýada we psihologiýada (K.Lewin) “Kwazi obýekt – göýä obýekt ” düşünjesi bolup ol ýa-da beýleki hadysanyň öz hakyky durkundan daşyrak, emeli häsiýetdäki durkuny aňladýar. Mysal üçin: adaty pullar (kagyz, demir) zat – predmet taýdan kwazi obýektdir. Kwazi obýekt özüniň maddy durky boýunça däl-de, ýerine ýetirýän hyzmaty – funksiýasy jähtden ähmiýetlidir. Dil belgisi hem köp derejede kwazi obýektdir, onuň aňladylyşy üçin ulanylýan ses we grafiki gurluşlar gyzyklandyrman onuň aragatnaşyk serişdesi hökmünde ýerine ýetirýän hyzmaty – funksiýasy aýgytlaýjy bolýar. Haýwanat dünýäsinde belgi we onuň aňladýan zady aýrylmaz bitewilikde bolýar. Mysal üçin: öň jaň sesiniň yzysüre iýmit alyp öwrenen it, birnäçe jyňňyrdydan soň yzly-yzyna iýmit almasa, jyňňyrdaýan jaňy baryp ýalaýar. Şonuň üçin haýwanlara degişlilikde zoosemiýotika däl-de, zooprogmatika bolýar. Şeýle-de bolsa, biz belginiň jemleýji funksiýsyna-hyzmatyna meňzeş ýagdaýy haýwanat dünýäsinde hem görýäris. Mysal üçin: haýwanlaryň käbirleri funksiýasy bir, matrialy başga hem-de, tersine, materialy bir, funksiýasy başga signallary birleşdirip we seljerip bilýärler. Birinjä mysal: guşlaryň we beýleki käbir haýwanlaryň öý-höwürtgesiniň materiallaryny düýpgöter başga-başga zatlardan gurmaklary. Ikinjä mysal: haýwanlaryň käbirleri adama has meňzedilip ýasalan garantgylary saýgarýarlar.

Has giňişleýin häsiýetde dil üsti / belgiler ulgamy hökmünde sözleýiş ulanylýan / we dil üsti däl (sözleýişden aýry belgi ulgamy ulanylýan) kommunikasiýa tapawutlandyrylýar. Ikinji görnüş öz gözeginde birnäçe görnüşlere bölünýär. Dil üsti däl

kommunikasiýa dogrusynda baý material toplanyp, şu günki günde onuñ dört görnüşini görkezmek mümkin: kinesika, paralingwistika, proksemika, göz üsti (wizual) aragatnaşyk. Olaryñ her biri özüniñ hususy belgiler ulgamyny ulanýanlygy üçin, hakykatda kommunikatiw tutumyñ bäş görnüşi ýüze çykýar. Olaryñ her birine aýry-aýrylykda seredeliñ .

**Dil üsti** kommunikasiýa – ýokarda görkezilişi ýaly belgiler ulgamy hökmünde adamyñ sözleýşini ulanýan / fonetiki belgileriñ ulgamy / aragatnaşyk bolup, onuñ leksiki we sintaktiki düzgünleri bardyr. Sözleýiş kommunikasiýanyñ iñ bir toplumlaýyn serişdesi bolup, onda berilýän maglumatyñ manysy köp derejede ýitirilmän saklanýar. Ýöne şeýle häsiýeti üpjün etmek üçin kommunikatiw tutuma gatnaşýanlarda dörän ýagdaýyñ birmeñzeş düşünilişi bolmalydyr.

**Dil üsti däl kommunikasiýanyň** hatarynda ilkinji nobatda optiki-kinetiki belgiler ulgamyny görkezmek zerurdyr. Bu belgilere eliñi hereketlendirmek, ýüzüñ muskullarynyñ, tutuş göwräniñ muskullarynyñ gymmyldylaryny görkezmek bolar.

Tutuşlygyna bu optiki-kinetiki ulgam bedeniñ dürli bölekleriniñ / eliñ,ýüzüñ, göwräniñ / umumy hereket düzüminiñ belli bir derejede aýyl-saýyl kabul edilýän häsiýeti hökmünde ýüze çykýar. Bedeniñ dürli bölekleriniñ bu umumy hereketi adamyñ emosiýa-duýgysyny şöhlelendirýänligi üçin belgileriñ optiki-kinetiki ulgamynyñ kommunikasiýa goşulmagy aragatnaşyga aýratyn öwüşgin berýär.Bu öwüşginler şol bir yşaratlar dürli milli medeniýetde ulanylanda dürli mana eýe bolýar. (Rus adamy bilen bolgar sözleşende birinjiniñ ylalaşyk hökmünde baş atmasy ikinji tarapyndan ylalaşmazlyk, başyny ýaýkamasyny bolsa, tersine makullamak hökmünde düşünýänligi hemmä mälimdir). Belgileriñ optiki-kinetiki ulgamynyñ kommunikasiýadaky ähmiýeti şeýle ýokary bolansoñ häzirki döwründe bu

meseläni ýörite derňeýän ugur - kinesika ýüze çykýar. Meselem, M. Argaýlyň derňewlerinde el hereketleriniň dürli medeniýetdäki ýygylygy we güýji öwrenilipdir (bir sagadyň dowamynda finler ellerini 1 gezek, italýanlylar - 80, fransiýalylar-20, meksikalylar 180 gezek hereketlendiripdirler).

Adatça aragatnaşygyň semiotiki-belgi, mnemiki-ýat, normatiw-kada, empatiki-sulh alyşmaklyk ýaly serişdeleri tapawutlandyrylýar. Mälim bolşy ýaly, aragatnaşygyň semiotiki-belgi tarapy ruhy gurluş bolan psihiki hadysalary dörän badyna "maddylaşdyrmak", ony göze, duýma elýeter etmek zerurlygy bilen baglanyşykda ýüze çykýar. Bu ýerde "Ýazylmadyk pikir, ýitirilen hazyna ýalydyr" diýen pähimi getirmek ýerliklidir. Duýgydan, duýmadan ýokarda duryan psihiki hadysalar beýlekilere ornaşdyrylyp, adamyň durmuşynda ulanylyşa girizilýär. Adamzat taryhynyň dowamynda belgileriň esasan üç ulgamy tapawutlandyrylýar (ýazuw üsti belgilere degişlilikde): ideografiki belgiler, iýeroglif belgileri we alfawit belgileri.

***Ideografiki belgiler*** - bu gadymy adamlaryň öz ýaşan gowaklaryň diwarlarynda galdyran suratlaryň, şekilleriniň bize maglumat geçirýän belgisidir.

***Iýeroglifler*** – ýazuw üsti aragatnaşygyň serişdesi hökmünde özüňden öňki döwüre seredeňde has uly öňegidişlikdir. Bilşimiz ýaly, häzirki döwürde hem Hytaý, Ýaponiýa ýaly ýurtlarda iýeroglifler işjeň ulanylýar (bellesek, psihologik derňewler iýeroglif arkaly maglumat özleşdirmegiň alfawit usuldan seredilende adamyň psihikasyna az agram salýandygyny görkezýär). Döredilşi finikiýlere ýöňkelýän alfawit serişdesi adamzat siwilizasiýasynyň soňky we has kämil gazanmasydyr.

***Aragatnaşygyň empatiki-sulh alyşmaklyk serişdesi*** - taraplaryň özara gatnaşygynda ony amala aşyrmak üçin hiç bolmanda minimal derejede

aragatnaşygyň dersi dogrusynda emosional ähmiýetli sebäbiň, meýiliň bolmaklygynyň zerurlygy bilen baglanyşyklydyr (psihologiýada ähli zat hadysalaryň položitel hem-de otrisatel öwüşginlerde seredilýändigi üçin aragatnaşygyň empatiki serişdesi oňyn däl häsiýetde hem bolup biler).

***Aragatnaşygyň normatiw-kada serişdesi*** - bu prosesiň hemişe, diýen ýaly, resmi we resmi däl normalara laýyklykda amala aşyrylýandygy bilen şertlendirilýär (meselem: lukmanyň we nähoşyň, mugallymyň we talybyň aragatnaşygy esasan resmi-norma laýyklykda guralýar; ýürekdeş dostlaryň aragatnaşygy bolsa öz esasy mazmunynda resmi däl emosional-duýgy isleglerň logikasyna tabynlykda amala aşyrylýar).

# Bap II. Aragatnaşykda pikiriň we sözleýşiň gelip çykyş esaslarynyň umumylygy we aýrybaşgalygy

## 2.1 Pikirlenme bilen sözleýişiň bütewiligi we aýrybaşgalygy

Adamyň işi we durmuşy üznüksiz ýumuşlary çözmek bilen baglanyşyklydyr. Şeýle ýumuşlaryň üznüksizligi barlykda entek köp sanly öz çözgüdine garaşýan meseleleriň köpdügine şaýatlyk edýär. Adamyň durmuşy biri-birinde çendan – otnositel özbaşdaklykda bolan iki kesimde amala aşyrylýar. Olaryň: biri akyl ýetiriş üsti bilen durmuş meselelerini çözmek, hakykaty aýan etmek; ikinjisi bolsa beýleki adamlar bilen iki tarapy hem kanagatlandyrýan aragatnaşyk guramakdyr.

Bu iki ulgamda döreýän meseleler yzygider ýumşa öwrülip, ýumuş bolsa her ulgamyň özüne laýyk usullary arkaly çözülýär. Adamyň aragatnaşyk we akyl ýetiriş tutumyndaky mesele ýagdaýynda – problema situasiýasynda dil belgileriniň funksiýalary – hyzmaty birmeňzeş däldir. (ýada salsak, motiwasiýa – problema – situasiýasy – bu adamyň haýsydyr bir näbellilige uçrap, ony çözmeklige özünde taýýar usullary ýetmezçilik edip, agtaryş işini döretmeli bolýan ýagdaýydyr; näbelliden hiç bolmanda bir belli sypat ýüze çykarylan ýagdaýynda problema situasiýasy öz problemalygyny bes edip, ýumşa öwrülýär. Ýumuş bolsa öz gezeginde akyl ýetiriş operasiýalarynyň kömegi bilen çözülýär).

Dil belgileriniň akyl ýetiriş we aragatnaşyk guraýyş problema situasiýalaryna gatnaşygynyň tapawudyny hususy içki sözleýişiň we içinden gürlemekligiň aýrybaşgalyk mysalynda ýüze çykarmak has oňaýlydyr. Bilişimiz ýaly, içinden gürlemeklik garşydaşyňa diňe eşidilmeýär diýäýmeseň, ol öz gurluşy boýunça daşky sözleýişden tapawutlanmaýar. Emma hususy içki sözleýiş bolsa, bu babatda düýpgöter özbaşdaklyga eýedir. Munda

ýaýrań sözlemler, söz utgaşmalary adatça bolmaýar. Tutuş ýaýrań sözlemiń ornuny aýry-aýry sözler ýa-da keşp – obraz ańlatmalary düzýär. Mysal üçin: “Andersonyń oglanjygy” ańlatmasy giden bir wakany ańlatmaga daýanç bolýar.

Akyl ýetiriş işinde täze pikirler, pikir ýöretmeler döredilende – adam dil belgilerine örän çäkli ýagdaýda daýanýar. Hususy içki sözleýiş aýry-aýry sözler (sözlemiń ornuny tutýan) döreýän “arassa” pikiri “maddalaşdyrmak” üçin daýanç bolup hyzmat edýär. Bu dil belgisiniń akyl ýetiriş işine hyzmat edişiniń aýratynlygydyr. Emma aragatnaşyk guramaly bolanda, bu ýerde birinji orunda täze pikirleri açmak däl-de, garşydaşyńa aýdyljak habaryń sözlemlerini göwnejaý gurmak esasy zat bolup durýar. Bu dil belgisiniń aragatnaşyk tutumynda hyzmat edişiniń aýratynlygydyr. Ýadymaza salsak, Wygodskiý hususy içki sözleýişiń pikirlenmäni döretmekde daýanç bolup hyzmat edýändigini we mekdebe çenli ýaşly çagalarda şeýle daýanjyń – hususy içki sözleýişiń entek ýoklugy sebäpli çaga öz-özi bilen gürleşýän ýaly egosentrik sözleýişe daýanmaly bolýandygyny aýdypdyr. Uly adamlarda hem egosentrik sözleýiş öz wagtynda hususy içki sözleýişe öwrülmän galan ýagdaýlarynda olar pikir etjek bolanlarynda samramaly bolýar ýa-da kyn pikirli teksti daşyndan okamaly bolýar.

Bilşimiz ýaly akyl ýetirişiń psihikadaky mehanizmleri pikirlenme (akyl ýetirişiń ýokary derejesine laýyklykda) hem-de duýma we pikir ediş (akyl ýetirişiń aşaky derejesine laýyklykda) bolup durýanlygy üçin olaryń dil belgisine baglanyşygy dogrusynda iki hili gapma – garşylykly garaýyşlar bardyr. Olaryń birinde arassa pikiriń dil belgisine baglanman hem bolup bilýänligidi, dil belgileriniń pikiri ýüze çykarmak üçin däl-de, eýsem ony gizlemek üçin serişde bolup durýanlygy aýdylýar.

Ikinji bir garaýyşda bolsa, tersine, pikir bilen dil belgisiniń biri-birinden aýrylmazlygy, biriniń beýlekisiz

bolup bilmeýänligi nygtalýar. Şeýle garaýyşlaryń biri lingwist Belýaýewa degişlidir. Önuń pikiriçe çet dilini özleşdirýänler şol bir wagtda çet yurt dilinde pikirlenmek diýmekdir. Belýaýewiń bu pikiri birnşçe jähtden nädogrydyr. Dil belgisi bilen pikiriń özara baglanyşygy örän çeýedir. Bir tarapdan, ýokarda aýdylyşy ýaly pikir belli bir wagta çenli entek dil belgisine ornaşmadyk görnüşde hem bolup biler. (Kýülpäniń we A.Bineniń "Keşpsiz pikir" hadysasyny ýada salalyń) . Ikinji bir tarapdan pikir diňe bir dil belgisine baglanyp däl-de, eýsem, islendik şertli belgilere daýanyp hem hereket edip bilýär. Jemläp aýdanyńda dil belgisi we pikirlenme bir-biri üçin serişde, daýanç bolup hyzmat etmek bilen şol bir wagtda olaryń biri-birine garaşlylygy absolýut däl-de, otnositel häsiýetdedir. Bir tarapdan entek dil belgisine ornaşmadyk sap pikir bar bolýan bolsa, ikinji bir tarapdan, pikir bilen birikdirilmedik, arkasynda pikiri bolmadyk dil üsti gürlemeleriń bardygy hem hakykatdyr.

Dil – akyl ýetirişiń serişdesi hökmünde birnäçe hyzmatlary ýerine ýetirýär:

1. Dil – indiwidual-ýekebara adamyń akyl ýetiriş işiniń guraly bolup durýar.
2. Dil – tutş jemgyýet derejesindäki akyl ýetiriş işiniń daýanjy, guraly bolup durýar.
3. Dil – sosiallaşma hadysasynyń , ýagny, adamyń sosial tejribäni özleşdirmeginiń, sosial gurluşa goşulmagynyń serişdesidir.

Belgi gös-göni psihologiýanyń öwreniş dersi däldir. Ol şeýle häsiýetde semiotikanyń ýa-da semiologiýanyń öwreniş dersidir. Belgileriń semiotiki we psihologiki jähtden öwrenilişiniń düýpli aýratynlyklary bardyr. Belgi semiotiki jähtden haýsydyr bir hadysanyń beýleki bir hadysany çalşyrmagy, onuń ornuny tutmagydyr. Mysal üçin: A harpynyň Morze elipbiýinde kese çyzyk we birhäçe nokatlar bilen bellenilişi. Psihologik jähtden orun tutmaklyk häsiýetnamasy göz öňünde tutulsada, ýöne

belgiden edilýän esasy talap belginiň jemleýji häsiýetnamasyny özünde jemlemekligidir. (jemlemek bu ýerde bir däl-de bir topara degişli zatlaryň umumy we düýpli häsiýetlerini görkezmekligidir). Ỳagny, bir zady beýleki zat bilen diňe bir çalşyrman, eýsem çalşyryjyda jemleýji häsiýet ýüze çykan wagtynda hakyky manysyna eýe bolýar. Başgaça aýdanyňda, psihologiýada belgi çalşyryjy we jemleýji funksiýalara bütewilikde eýe bolýar. Semýotikanyň belgä garaýşyny psihologiýadan has daşlaşdyrýan zatlaryň biride onda beýan edilişiň esasan maglumat-informasion taglymata laýyklykda berilýänligidir. Belgi psihologiýada hut soňky mazmunda seredilýänligi üçin haýwanlara degişlilikde ol diňe bir zady beýleki bilen çalşyrmak häsiýetde bolýar. Emma haýwan üçin çalşyrylýan zat onuň diňe esasy häsiýetiniň şertli aňladyjysy bolman, eýsem çalşyrylýan zadyň hakyky özi hökmünde bolýar.

Belgini ulanýan haçan-da, maddy taýdan birmeňzeş funksiýalary, başga-başga tapawutlandyryp bilen ýagdaýynda we tersine, maddy taýdan başga-başga funksiýalary, meňzeş signallary birleşdirip bilen ýagdaýynda, Belgi sözüň doly manysynda belgä öwrülýär. Göräýmäge haýwanlaryň hem käbir görnüşleri bu agzalan ukyp-başarnyklary ýerine ýetirip bilýän ýaly bolup görünýär. Mysal üçin , höwürtgäni başga-başga materiallardan ýasap bilmeklik (materially başga, funksiýasy birmeňzeş signallary seljermek), käbir haýwanlaryň adam şekilli garantgylaryň howpsuzlygyna göz ýetirip bilmegi (materially bir funksiýalary başga-başga signallary seljermek).

Emma hakykatda bolsa haýwanat dünýäsinde dil belgisiniň habar bermek – signalizasiýa, orun tutmak – kodifikasiýa, belgilemek – signifikasiýa, many doretmek – semantizasiýa, jemlemek – generalizasiýa – ýoly hyzmat funksiýalaryň diňe sanlyja görnüşini ýerine ýetirýär.

Dil belgisiniń many – ähmiýet funksiýasy dil belgisiniń semiotiki we psihologiki jähtden öwrenilişini seljermäge mümkinçilik berýän taraplarydyr. Aýdaly "Daşarda ýagyş ýagýarmy?" diýen sowala "howa" ýa-da "ýok" diýilmeginiń ikisinde-de semiotiki nukdaýdan bir bitewi maglumat – informasiýa berýär. Emma psihologik jähtden bolsa, sowala "howa" diýen jogap ony has ynjalyksyzlandyrmagy mümkin bolýar. (wadalaşylan ýere barmagyń we ýgyş astynda oturmagyń oňaýsyzlygy, saýawan aladasyny etmek we ş.m. goşmaça many doredijiler bilen baglanyşykly bolýar).

Filosofiýada we psihologiýada (K.Lewin) "Kwazi obýekt – göýä obýekt " düşünjesi bolup ol ýa-da beýleki hadysanyń öz hakyky durkundan daşyrak, emeli häsiýetdäki durkuny aňladýar. Mysal üçin: adaty pullar (kagyz, demir) zat – predmet taýdan kwazi obýektdir. Kwazi obýekt özüniń maddy durky boýunça däl-de, ýerine ýetirýän hyzmaty – funksiýasy jähtden ähmiýetlidir. Dil belgisi hem köp derejede kwazi obýektdir, onuń aňladylyşy üçin ulanylýan ses we grafiki gurluşlar gyzyklandyrman onuń aragatnaşyk serişdesi hökmünde ýerine ýetirýän hyzmaty – funksiýasy aýgytlaýjy bolýar. Haýwanat dünýäsinde belgi we onuń aňladýan zady aýrylmaz bitewilikde bolýar. Mysal üçin: öń jań sesiniń yzysüre iýmit alyp öwrenen it, birnäçe jyňňyrdydan soń yzly-yzyna iýmyt almasa, jyňňyrdaýan jaňy baryp ýalaýar. Şonuň üçin haýwanlara degişlilikde zoosemiýotika däl-de, zooprogmatika bolýar.

Şeýle-de bolsa, biz belginiň jemleýji funksiýsyna-hyzmatyna meňzeş ýagdaýy haýwanat dünýäsinde hem görýäris. Mysal üçin: haýwanlaryň käbirleri funksiýasy bir, matrialy başga hem-de, tersine, materialy bir, funksiýasy başga signallary birleşdirip we seljerip bilýärler. Birinjä mysal: guşlaryň we beýleki käbir haýwanlaryň öý-höwürtgesiniň materiallaryny düýpgöter başga-başga zatlardan gurmaklary. Ikinjä mysal:

haýwanlaryň käbirleri adama has meňzedilip ýasalan garantgylary saýgarýarlar.

## 2.2 Akyl ýetirişiň we maglumat alyşmaklygyň özara baglanyşygy

Garşydaşyňa maglumat geçirmekde dil belgilerini düşnükli sözlemlerde ýerlikli ulanmak birinji orunda bolýar. Akyl ýetiriş, täze pikir döretmek bu ýerde esasy mesele bolmaýar. Şonuň üçin dil belgileri garşydaşa maglumat geçirmek aladasy boýunça ulanylyşy aragatnaşyk mesele – ýagdaýyna (problema - situasiýasyna) hyzmat edýär.

Diliň belgileriniň akyl ýetirişdäki ähmiýetini ýüze çykarmak üçin ýene-de bir nazarýet meseleleriň biri "çet ýurtlylara dil öwrenmek, olara bu dilde pikirlenmegi öwretmek diýmekdir" diýen sowala bagyşlanandyr. Bu sowala tassyklaýjy jogap berýänleriň biri Belýaýewdir. Onuň pikiriçe çet dili özleşdirmek şol dilde pikirlenmekligi hem göz öňünde tutýar, emma bu nädogrydyr. Birinjiden islendik ene dilde gürleşmekligiň çet yurt dilde gürleşmekligiň arkasynda hemişe pikirlenme durmaýar. Adam sözleýişiniň esasy bölegini awtomatlaşan, çuňňur pikirlenme bilen baglanyşyksyz ýagdaýda amala aşyrýar. Ýadymyza salsak birinji-ikinji synp okuwçylarynyň "durmuş bir gezek berilýär" diýen ýaly sözlem tarapdan sözüniň aňyrsynda onuň öz hususy pikiri durmaýar. Ol eşidenini, ýadynda galanyny aýdýar. Ikinjiden, "keşpsiz-obrazsyz" pikirlenmäniň bolýandygyny göz öňünde tutsak, adamyň pikiri diňe dil belgilerindedäl, eýsem islendik belgi daýançlaryna ornaşyp hereket edip bilýär. Diýmek, dil belgisi bilen pikirlenmäniň arasyndaky baglanyşyk bir mazmunly däl-de, örän çeýedir.

Ýöne eger-de adam çet ýurt dilinde hem gürläp, hem-de pikirlenip bilse ol örän ýokary gazanylyşdyr, üstünlikdir.

Dil belgisiniň akyl ýetiriş işindäki hyzmatyny keminden üç ugurda yzarlamak bolar:

Birinjiden bu dil belgileriniň indiwidual – bir adamyň akyl ýetiriş işindäki hyzmaty. Ýokarda bellenilişi ýaly islendik pikir tötänleýin bolsun, kanunalaýyk bolsun ol ilki bir adamyň paýhasynda döreýär.

Ikinjiden, akyl ýetirişiň tutuş jemgyýetiň derejesindäki pikir ýöretme, netijä gelme görnüşindäki hereketi bu ýerde akyl ýetirişiň subýekti – hereketlendirijisi bir adam däl-de tutuş jemgyýet bolýar. Bu ýerde dil belgileri hökmünde has ösen milletleriň dili kabul edilýär. Mysal üçin: iňlis dili. Ykdysady, syýasy taýdan pes derejedäki milletiň dil belgilerinde aýry-aýry ýekebara, indiwidual çuňňur pikirler peýda bolýan ýagdaýynda hem olar tutuş jemgyýet derejedäki pikir jemlemelere bilniksiz goşulýar ýa-da düýpgöter goşulman galýar.

Üçünjiden, dil belgileri sosiallaşmanyň, ýagny, täze nesliň jemgyýetçilik gurluşa goşulmaklaryny we jemgyýetçilik tejribäni özleşdirmekligini üpjün edýän hadysanyň hem esasy serişdesi bolýar. Her bir täze döran çaga ýa-da tutuş nesil öz gurşawyndaky sosial tejribäni esasan dil üsti arkaly özleşdirär.

Dil belgileriniň akyl ýetiriş we aragatnaşyk guraýyş problema situasiýalaryna gatnaşygynyň tapawudyny hususy içki sözleýişiň we içinden gürlemekligiň aýrybaşgalyk mysalynda ýüze çykarmak has oňaýlydyr. Bilişimiz ýaly içinden gürlemeklik garşydaşyňa diňe eşidilmeýär diýäýmeseň, ol öz gurluşy boýunça daşky sözleýişden tapawutlanmaýar. Emma hususy içki sözleýiş bolsa, bu babatda düýpgöter özbaşdaklyga eýedir. Munda ýaýraň sözlemler, söz utgaşmalary adatça bolmaýar. Tutuş ýaýraň sözlemiň ornuny aýry-aýry sözler ýa-da keşp –

obraz ańlatmalary düzýär. Mysal üçin: “Andersonyń oglanjygy” ańlatmasy giden bir wakany ańlatmaga daýanç bolýar.

Akyl ýetiriş işinde täze pikirler, sosial ýöretmeler döredilende – adam dil belgilerine örän çäkli ýagdaýda daýanýar. Hususy içki sözleýiş aýry-aýry sözler (sözlemiń ornuny tutýan) döreýän “arassa” pikiri “maddalaşdyrmak” üçin daýanç bolup hyzmat edýär. Bu dil belgisiniń akyl ýetiriş işine hyzmat edişiniń aýratynlygydyr. Emma aragatnaşyk guramaly bolanda, bu ýerde birinji orunda täze pikirleri açmak däl-de, garşydaşyńa aýdyljak habaryń sözlemlerini göwnejaý gurmak esasy zat bolup durýar. Bu dil belgisiniń aragatnaşyk tutumynda hyzmat edişiniń aýratynlygydyr. Ýadymaza salsak, Wygodskiý hususy içki sözleýişiń pikirlenmäni döretmekde daýanç bolup hyzmat edýändigini we mekdebe çenli ýaşly çagalarda şeýle daýanjyń – hususy içki sözleýişiń entek ýoklugy sebäpli çaga öz-özi bilen gürleşýän ýaly egosentrik sözleýişe daýanmaly bolýandygyny aýdypdyr. Uly adamlarda hem egosentrik sözleýiş öz wagtynda hususy içki sözleýişe öwrülmän galan ýagdaýlarynda olar pikir etjek bolanlarynda samramaly bolýar ýa-da kyn pikirli teksti daşyndan okamaly bolýar.

Bilşimiz ýaly akyl ýetirişiń psihikadaky mehanizmleri pikirlenme (akyl ýetirişiń ýokary derejesine laýyklykda) hem-de duýma we pikir ediş (akyl ýetirişiń aşaky derejesine laýyklykda) bolup durýanlygy üçin olaryń dil belgisine baglanyşygy dogrusynda iki hili gapma – garşylykly garaýyşlar bardyr. Olaryń birinde arassa pikiriń dil belgisine baglanman hem bolup bilýänligidi, dil belgileriniń pikiri ýüze çykarmak üçin däl-de, eýsem ony gizlemek üçin serişde bolup durýanlygy aýdylýar.

Ikinji bir garaýyşda bolsa, tersine, pikir bilen dil belgisiniń biri-birinden aýrylmazlygy, biriniń beýlekisiz bolup bilmeýänligi nygtalýar. Şeýle garaýyşlaryń biri lingwist Belýaýewa degişlidir. Onuń pikiriçe çet dilini

özleşdirýänler şol bir wagtda çet yurt dilinde pikirlenmek diýmekdir. Belýaýewiň bu pikiri birnäçe jähtden nädogrydyr. Dil belgisi bilen pikiriň özara baglanyşygy örän çeýedir. Bir tarapdan, ýokarda aýdylyşy ýaly, pikir belli bir wagta çenli entek dil belgisine ornaşmadyk görnüşde hem bolup biler. (Kýülpäniň we A.Bineniň "Keşpsiz pikir" hadysasyny ýada salalyň) . Ikinji bir tarapdan pikir diňe bir dil belgisine baglanyp däl-de, eýsem, islendik şertli belgilere daýanyp hem hereket edip bilýär. Jemläp aýdanyňda dil belgisi we pikirlenme bir-biri üçin serişde, daýanç bolup hyzmat etmek bilen şol bir wagtda olaryň biri-birine garaşlylygy absolýut däl-de, otnositel häsiýetdedir. Bir tarapdan entek dil belgisine ornaşmadyk sap sosial bar bolýan bolsa, ikinji bir tarapdan, sosial bilen birikdirilmedik, arkasynda pikiri bolmadyk dil üsti gürlemeleriň bardygy hem hakykatdyr.

Dil – akyl ýetirişiň serişdesi hökmünde birnäçe hyzmatlary ýerine ýetirýär:

1. Dil – indiwidual-ýekebara adamyň akyl ýetiriş işiniň guraly bolup durýar.
2. Dil – tutş jemgyýet derejesindäki akyl ýetiriş işiniň daýanjy, guraly bolup durýar.
3. Dil – sosiallaşma hadysasynyň , ýagny, adamyň social tejribäni özleşdirmeginiň , sosial gurluşa goşulmagynyň serişdesidir.

Dil belgisiniň akyl ýetiriş işindäki hyzmatyny keminden üç ugurda yzarlamak bolar: Birinjiden bu dil belgileriniň indiwidual – bir adamyň akyl ýetiriş işindäki hyzmaty. Ýokarda bellenilişi ýaly, islendik pikir tötänleýin bolsun, kanunalaýyk bolsun ol ilki bir adamyň paýhasynda döreýär.

Ikinjiden, akyl ýetirişiň tutuş jemgyýetiň derejesindäki pikir ýöretme, netijä gelme görnüşindäki hereketi bu ýerde akyl ýetirişiň subýekti – hereketlendirijisi bir adam däl-de tutuş jemgyýet bolýar. Bu ýerde dil belgileri hökmünde has ösen milletleriň dili

kabul edilýär. Mysal üçin: iňlis dili. Ykdysady, syýasy taýdan pes derejedäki milletiň dil belgilerinde aýry-aýry ýekebara, indiwidual çuňňur pikirler peýda bolýan ýagdaýynda hem olar tutuş jemgyýet derejedäki pikir jemlemelere bilniksiz goşulýar ýa-da düýpgöter goşulman galýar.

Üçünjiden, dil belgileri sosiallaşmanyň, ýagny, täze nesliň jemgyýetçilik gurluşa goşulmaklaryny we jemgyýetçilik tejribäni özleşdirmekligini üpjin edýän hadysanyň hem esasy serişdesi bolýar. Her bir täze dörän çaga ýa-da tutuş nesil öz gurşawyndaky sosial tejribäni esasan dil üsti arkaly özleşdirär.

## 2.3 Aragatnaşyk özara kabul ediş hökmünde

Garşydaşyň barada ilkinji pikir düşünjäni, obrazy kemala getirmeklige gatnaşýan psihologik hadysalar bolup, adatça şeýle psihologik hadysalaryň üstemlik hadysasy, ýakymlylyk (estetik) hadysasy hem-de bize bolan gatnaşyk hadysasy ýaly görnüşleri tapawutlandyrýarlar.

**Üstemlik hadysasy** – taraplaryň deň däldigi ýagdaýynda ýüze çykýar. Adam garşydaşynda özi üçin örän ähmiýetli bolan haýsydyr bir häsiýetiň, ukybyň özüniňkiden ýokarydygyny syzanda, ol onuň beýleki häsiýetlerini-de ýokary derejede bahalandyrýar:

-fiziki ejizligini ýeňip geçmeklige ymtylýan adam garşydaşynyň güýçlidigini görüp, onuň tutuş şahsyýetini ýokary derejede bahalandyrýar. Eger-de adam üçin akyl-paýhas çuňlugy esasy zat bolsa, onda garşydaşynda akyl çuňlugyny syzanda onuň ähli beýleki entek nämälim sypatlaryny-da ýokary derejede bahalandyrýar.

Tejribede parallel synplaryň birinde bir adamy A-ny , birinde talyp, ikinjisinde laborant … diýip tanyşdyrýarlar. Soňra eksperimentatoryň kömekçisi ol synplara aýlanyp,

“talyby”, “laborantyň”, “professoryň” boýlarynyň uzynlygyny çen bilen kesgitlemegi tabşyr. Görülip oturylsa, adamyň boýy onuň sosial derjesine laýyklykda ýokarlanýan häsiýetde kabul edilýär. Synplarda görkezilen adama boýy talypdan-professora çenli 14-15 sm ösýär. Kömekçiniň boýy bolsa synpdan-synpa üýtgemän galýar. Meselem: aýdymçy ilki çykanda bir hili gowy aýtmaýan ýaly, soňra gowy aýdyp başlanda birden gözümiziň öňünde beýgelen ýaly bolýar. Bu zatlaryň ählisi adamyň ilkinji keşbini kabul edişi bolýar.

**<u>Ýakymlylyk (estetik) hadysasy</u>** hereket edýän ikinji bir nusga bolup, bu usul adamyň estetik kaşaňlygyna ýa-da bigörkligine laýyklykda ilkinji kabul edişinde onuň keşbini döretmekdir. Ýene-de bir tejribede şol bir okuwçynyň şahsy işini 5-6 nusgada köpeldip oňa ýüz keşbiniň, durkunyň kaşaňlygy dürli-dürli bolan başga-başga okuwçylaryň suratlaryny ýelmemek bilen mugallymlara ol okuwçynyň şahsy işiniň mazmuny barada häsiýetnama ýazmaklyk tabşyrylýar. Onuň ata-enesiniň mekdebe garaýşyny, onuň bilim babatda nähili gelejeginiň barlygyny oňa beýleki okuwçylaryň nähili garaýandyklaryny ýazmaklygy tabşyrýarlar. Netijede, göze ýakymly surat ýelmenen şahsy işlere ýokarlandyrylan häsiýetnama ýazylyp, görksüz surat ýelmenenlere bolsa pes mazmunly häsiýetnama ýazýarlar.

Psihologiýada “adam bar zady däl-de, göresi gelýän zadyny görýär, eşidesi gelýän zadyny eşidýär” – fenomenologik pähimi mälimdir. Şuňa laýyklykda aragatnaşykda taraplarda (portnýorlarda) özlerini biri-birleriniň ornuna goýup görmek, syzýan duýgusyna aralaşmak meýli bolmasa, özara düşünişmeklik gazanylmaýar. Empatiýa – bu adamyň özüni garşydaşynyň ornunda goýup onuň duýgusyny onuň hut özi ýaly syzyp bilmekligidir. Aragatnaşykda taraplaryň bir-biriniň duýgy-emosional ýagdaýlaryny bahalandyrýandygy mälimdir. Ỳöne aragatnaşygyň

üstünlikli bolmagy üçin, taraplaryň bir-birine oňyn-položitel gatnaşygy hioç bolmanda, karzlaýyn-öňünden döretmegi zerurdyr. Başgaça aýdanyňda, taraplar bir-birini ilkibaşdan sarpa goýmak pikirini hormatlamak häsiýetinde kabul etmelidirler. Şol bir wagtyň özünde garşydaşyna bütewi şahsyýet hökmünde oňyn gatnaşykda bolmak onuň käbir häsiýetlerini makullamaklygy aňladýar. Ỳada salsak, duýgy-emosional hadysalaryň esasy aýratynlygy olaryň goşa ambiwalent häsiýetde bolýanlygydyr. Ỳagny, oňun ýa-da oňyn däl duýgularyň birbada syzylmagy.
**Empatiýa** – bu beýleki bir adama düşünmekligiň we ony kabul etmekligiň mehanizmidir. "Empatiýa bir adamyň şahsyýetiniň beýleki adamyň şahsyýeti bilen deňleşip, onuň beýleki adamyň duýgularyna geçmegini aňladýar." Empatiýada bir adamyň beýleki adamy "arassa görnüşde" kabul etmegi, tanamagydyr. Empatiýa beýleki bir adamy takyk kabul etmek "usulydyr". Sebäbi oňa stereotip göz öňüne getirmeler we düşündirmeler gapdaldan oňaýsyz täsirlerini ýetirip bilmeyärler. Ynsanperwer aragatnaşykda bir adam beýleki adamy stereotipli däl-de, ýagny, hut şu pursatda zeryr we zerur däl häsiýetlere, gerekli we gerekli däl fuksiýalara bölmän bütewiligine kabul edýär.

Bilişimiz ýaly, psihologik jähtden islendik gymyldy-hereketiń, pikir-duýgunyń çeşmesi **isleglerdir**. Bu babatda aragatnaşyk belli bir işjeń-aktual islegiń esasynda ýüze çykýar. Birek-biregi kabul etmekligiń asyl maksady özara düşünişmek, birek-biregiń içki dünýäsine aralaşmakdyr. Eger-de, sansyz tebigatda biz zatlaryń daşky häsiýetleri boýunça olaryń içki mazmunyny ańlap bilýän bolsak. Adama düşünmekde bu mesele has çylşyrymlydyr. Munuń sebäbi adamyń daşky hereketleriniń içki psihiki gurluşy bilen köp mazmunly baglanyşýanlygy bilen düşündirilýär. Emma şeýle-de bolsa, garşydaşy kabul etmekde we ońa düşünmekde adamyń daşky özüni alyp barşy başlangyç nokat bolup hyzmat edýär. Eýsem garşydaşyńy kabul

edeninde ol barada ilkinji täsiriń obrazy-keşbi nähili döreýär?

Ilkinji nobatda, aragatnaşygyń psihologiýasy onuń sosiologiýasyndan tapawutlylykda bu hadysany durugşan, berkleşen, bir eýýäm bolup geçen görnüşde däl-de, şu ýerde, şu pursatda, häsiýetde öwrenýär. Şonuń üçin aragatnaşyk belli bir işjeń, şu pursatda hereketlenýän islegiń nukdaýyndan seredilýär. Meselem: adam nätanyş ýolbaşçydan bir zady haýyş etmekçi bolýar. Bu haýyş zerurlyk, işjeń islegdir. Adam şu isleginiń garşydaşyndan näderejede kanagatlandyrylandygyny öńünden çaklamak isleýär. Bu onuń esasynda aragatnaşygy ol ýa-da beýleki görnüşde guraýar. Bu ýerde ońa ugrukdyryjy hökmünde aşakdaky şertler hyzmat edýär:

1. **Ýolbaşçynyń beden-konstitusiýa aýratynlygy** (astenik-hor, atletik-daýaw, berdaşly, piknik-semiz) eger hor bolsa - ol ynjyk bolmaly; semiz bolsa – geçirimli bolmaly we ş.m.
2. **Adamyń adamlary tanamak barada öz hususy tejribesi.**
3. **Adamyń aragatnaşygynda öz-özüni teklip edişi. (samopodaça)** Ýada salsak psihologik eksperimentde Rozental täsiri-hadysasy bolup, onda synag edilýän eksperimentatoryń özünden nämä garaşylýandygyny ańşyryp, edil şoňa laýyk hem hereket görkezip ugraýar.
4. **Aragatnaşygyń geçýän ýagdaýyna – situasiýasyna düşünmek (işewür, toparara, şahsyýetara ýagdaýlar-situasiýalar).**

**Aragatnaşykda garşydaşyń ilkinji keşbini-obrazyny kemala getirmegiń tipiki nusgalary.**

Bu babatda esasy üç nusgany görkezmek bolar:

1. Şeýle nusgalaryń biri toparlaryń biri-birine deń bolmazlyk ýagdaýynda döräp, oňa şertli **üstemlik täsiri** diýilýär. Eger-de adam özüne nätanyş adamy haýsydyr bir örän ähmiýetli tarapyndan özünden ýokary üstem

hasaplaýan bolsa, onda şeýle adamyň başga häsiýetleri, taraplary hem ýokary dejede bahalandyrylýar. Eksperimentde-tejribede parallel synplaryň birinde bir adamy görkezýärler. Adamy birinde talyp, iknjisinde labarant diýip tanyşdyrýar. Soňra eksperimentatoryň kömekçisi ol synplara aýlanyp, okuwçylardan "talybyň", "assistentiň", "labarantyň", "professoryň" boýlarynyň uzynlygynyň çen bilen kesgitlemegi tabşyrýar. Görüp oturylsa adamyň boýy onuň sosial dejesine laýyklykda ýokarlanýan häsiýetde kabul edilýär. Synplarda görkezilen adamyň boýy talypdan, professorlyga çenli 14-15 sm ösýär. Kömakçiniň boýy bolsa, synpdan-synpa üýtgemän galýar. Mysal üçin: aýdymçy ilki çykanda bir hili gowy aýtmaýan ýaly, soňra gowy aýdyp başlanda birden gözümiziň öňünde beygelýän ýaly bolýar. Bu zatlaryň ählisi adamyň ilkinji keşbini kabul ediş bolýar.

A.Bodalýowyň tejribesinde şol bir adamyň suratyny dürli talyp toparlaryň birinde "jenaýatçy", başga birinde bolsa "ganryman" diýip tanyşdyrýarlar we ony tagtadan asyp ol barada häsiýetnama ýazmaklaryny talyplara tabşyrýarlar. Ilkinji ugrukdyryjy gahryman ýa-da jenaýatçy teklipleriň täsirinde talyplarda üstemlik we özüňden pes saýmaklyk hadysalary döreýär.Geň ýeri suratdaky adamyň gözüniň, dodaklarynyň, eňeginiň, saçynyň we ş.m. şol bir keşbi gapma-garşylykly mazmunda häsiýetlendirýär. Mysal üçin: jenaýatça laýyklykda bu wagşy bir…

2. Bu ugurda hereket edýän ikinji bir nusga, usul adamyň estetiki kaşaňlygyna ýa-da bigörkligine laýyklykda ilkinji kabul edişinde onuň keşbini döretmekdir. Ýene-de eksperimentde (onuň keşbini döretmekdir) şol bir okuwçynyň şahsy işini 5-6 nusgada köpeldip oňa ýüz keşbiniň, durkunyň kaşaňlygy dürli-dürli bolan başga-başga okuwçylary ýelmenip mugallymlara ol okuwçynyň şahsy işiniň mazmuny barada häsiýetnama ýazmagy tabşyrýarlar. Onuň ata-enesiniň mekdebe garaýyşayny,

onuń bilim babatda nähili gelejeginiń barlygyny, ońa beýleki-beýleki okuwçylaryń nähili garaýandyklaryny ýazmaklygy tabşyrýarlar. Netijede, göze ýakymly surat ýelmenen şahsy işlere has ýokarlandyrylan häsiýetnama ýazylyp, görmeksiz surat ýelmenenlere bolsa, pes mazmunly häsiýetnama ýazýarlar.

## 2.4. Özara kabul edişde maglumat çeşmesi we hereketleriñ sebäbini anyklamak

Ilkinji gezek bilen ýüzbe-ýüz bolýan adamlara biri-birini kabul etmeklik we özara düşünişmeklik birek-biregiñ ýüzüni, tutuş göwresini çalt "okamak" görnüşinde geçýär. Aýdaly, täze işe duran M.I. bilen G.P. bir otagda işlemeli bolýarlar. M.I. G.P-ny gören badyna "Şüýä gowy bolaýdy, iñ esasy zat gürleşmäge adam bar" diýip pikir ýöredýär we mundane beýläkki özüni alyp barşyny şu pikire laýyklykda hem guraýar. G.P bolsa, M.I-ni gören badyna "Meñki ýene-de bolmady, şu tetelli adam bilen nähili işleşjek" diýen mazmunda pikir ýöredýär.Eýsem bularyñ şeýle gysga wagt aralygynda biri-birini kabul edip, şeýle pikire esaslanmagy nämä esaslanýar?

Birinjiden, bularyñ her biriniñ özboluşly durmuş tejribesi bar we onuñ esasynda dünýä barada, adamlar barada özleriniñ garaýyşlary, duşünjeleri bar. Diýmek, adamlar ökabul edişde öñki tejribesinden degişli keşpleri çykaryp alyp ony garşydaşynyñ ýüzüne, keşbine "dakýar". Mundan beýläk bolsa, oular özara herketlerinde şol dakan keşpleri bilen aragatnaşyk guraýarlar. Garşydaşynyñ hakyky-obýektiw keşbi bolsa, ikinji orna geçär. Eýsem geçen tejribeden çykarylyp alnan keşbiñ, garşydaşyñ hakyky-obýektiw durky bilen gabat gelmekligi, meñzeşligi hähili bolýarka?

Elbetde, garşydaşyña subýektiw ýöñkelen onuñ keşbi bilen,onuñ hakyky-obýektiw durkunyñ arasynda belli bir gabat gelmeklik, meñzeşlik hökman bolýar. Şu

meñzeşligiñ ýokarylygy ýa-da pesligi adamlaryñ özara kabul edişindäki we düşünuşmegindäki takyklygy ýa-da ýalñyşlygy döredýär. Ilkinji göryän garşydaşyña " sen şeýleräk adamsyñ " diýen keşbi adam birnäce esaslar boýunça döredýär.

1.Birinjiden, ol öz geçmiş tejribesinde ol ýa-da beyleki beden gurluşdaky adamlaryñ nähiliräk bolýandygyny bilýär. Muny biz subýektiw fiziognomika diýip şertli atlandyryp bileris. (fiziognomika-adamyñ ýüz keşbine laýyklykda onuñ gylyk häsiýetini kesgitlemekdir.)

2.Ikinjiden, ilkinji duşuşýanlaryñ biri-birine düşünmezligini döredýän şertlriñ ýene-de biri olaryñ her biriniñ şu pursatdaky işjeñ-aktiw islegi we garşydäsynda bu islegi kanagatlandyrmaga laýyk zadyñ bolmagy.

3.Uçünjiden, taraplaryñ biri-birini kabul etmeginde degişli keşbi döredýän şertleriñ biri, adamyñ öz-özüni teklip etmekligidir. (özüne intelligent diydirjek bolýan adam eşigi resmi, sözlemleri çylşyrymly,hereketleri agras görnüşdäki sypatlary döredýär. Elbetde garşydaşynyn muny äsgermezligide mümkindir)

Ýokarky mysala ýene-de bir gezek ýüzlensek, ilkinji nobatda tarplaryñ biri-birine ýüz keşpleri, beden gurluşy esasyda baha berişlerine duşýarys. Biz dolmuş, gysga boýly adamlaryñ şadyýan, gürleşmäge meýilli, ýüreginde kine saklamaýan ýaly häsiýetleri özünde jemleýändigini bilýäris. Tersine, uzyn boýly, hortañ, kellesi uly, gaşlary çytyk adamlaryñ ynjyk, garşydaşynyñ köpsözlüligine çydamsyz,gürleşmäge meýilsiz durkda bolýanlygyny hem bilýäris. Ýokardaky mysalda M.I dolmyş, garynlak, kelte boýly adambolsa, G.P hortañ uzyn boýly adam. Muña laýyklykda taraplaryñ biri-biri barada ilkinji pikiri, obrazy olaryñ öñki tejribesinde özleşdiren dolmuş we hortañ adamlar barasyndaky ýatlamasy esasynda döreýär.

Indi şeýle keşp döretmekde adamyñ şu pursatdaky işjeñ isleginiñ ähmiýeti barada. Aýdaly M.I täze iş ýerinde woleýbol toparyny döretmek isleýär. Ol hut şonuñ üçin-de

garşysyndaky G.P-nyñ uzyn boýly hortañ keşbini görüp begenýär, agtarýan zadyny tapandyr öýdýär. G.P bolsa, soñky döwürlerde öz ýanyndan dert-azar semremezligiñ aladasyny edýär. Hut şonuñ üçin-de ol M.I-niñ gysga boýly, garynlak keşbini gören badyna "Munuñ bar aladasy garny bolmaly, bu gäwüşäp otursa men hem bialaç goşulmaly bolaryn" diýip gynanýar.Şonuñ üçin hem ol "Meñki ýene bolmadow" diýýär.

Ilkinji özara kabul edişde garşydaşyñ barada ilkinji keşbi dörediji şertleriñ biri-de **öz-özüñi teklip etmek** hadysasydyr. Biz şol bir talybyñ synag wagtynda, dekanatda goýberen sapagyna düşündiriş berýän wagtynda, deñ-duşlarynyñ arasynda, toy-meýlisde, telewideniýa düşýän wagtynda özi barada garşydaşynda oñaýly pikir, keşpdöretmek üçin özüni tutuşy, teklip edişi dürli-dürlüdir. Ol bir ýagdaýda garşydaşynda "Men özüme göwnüm ýetýän adamdyryn" keşbi döretmeklige çalyşsa, ikinji bir ýagdaýda "Men örän mysapyrdyryn" diýen pikir-keşbi döretmeklige laýyklykda özüni alyp barşyny guraýar, teklip edýär.

Adamy ol ýa-da beýleki hereketi amala aşyran ýagdaýda bir kabul ediji hökmünde onuñ bu herekete nä derejede jogapkärlidigini kesgitlemek üçin, ol adama belli bir niýet, meýil ýöükeýär. Adamyñ hereketine sebäp ýöñkemeklik meselesini nazary taýdan esaslandyran F.Haýderdir. Ol adamyñ özüni alyp baryşda bir tarapdan niýetli we niýetsiz hereketleri, ikinji tarapdan bolsa, adamyñ hereketleriniñ daşky gurşaw tarapyndan ýa-da şonuñ hut özi tarapyndan döredilen görnüşlerini tapawutlandyrýar. Hereketiñ niýeti öz gezeginde hususy niýetden we hereketiñ netijesini göz öñünde getirip ýa-da getirmezlikden durýar. Biz kä wagtlar "meniñ seniñ göwnüñe degmek niýetim ýok" diýýäris. Başga bir ýagdaýda biz "meniñ diýýän sözlerim seni ynjadýandygyny añýarmyn? Emma senem maña düşünjek bol diýýäris". Bularyñ birinjisinde hereketde ýörite niýet

ýoklygy görünse, ikinjisinde şeýle niýetiň we onuň nähili täsir etjekdigi aňlanylýar.

Başga bir tarapdan bolsa, hereketiň adamyň şahsyýetden gaýdýandygy ýa-da dörän ýagdaýyň, mejburlygyň esasynda ýüze çykarýandygy hem seljerýäris. Bir ýagdaýda biz "A. ol zady öz isleýşi ýaly hem etdidä" diýsek, başga bir ýagdaýda "ol iş A.-dan çykjak zat däl, ol ony mejbur bolup etdi" diýýäris.

Kauzal atribusiýa hadysasynyň günbatar sosial paýhasnamasyndaky taglymatlary (G.Kelli, E.Jons, D.Kenouz, R.Nisbet, L.Striklend) esasan bihewioristik ýa-da kognitiwistik ülňülerden ugur alýanlygy zerarly usulyýet çäklilikler bilen utgaşýar. Emma bu usulyň tejribe öwrenilişi belli bir gyzyklanma döredýär. Meselem, Kollinsiň tejribelerinde (1956) ýöňkelýän häsiýetnamaleryň toplumy kabul edişiň subýektiniň aýratynlygy bilen kesgitlenýändigi görkezildi: käbir adamlar şahsyýetara kabul ediş tutumynda beýleki adamlaryň fiziki sypatlaryna aýratyn üns berse (bu ýagdaý ýöňkemeklik çäkli bolar), beýlekileri olaryň psihologik häsiýetmanalaryna üns berýär.(bu ýagdaý ýöňkelýän häsiýetnamalaryň kabul edişiň obýektiniň öňki bahalandyryşyna bagly bolýar.) Sillihiň tejribelerinde (1928) kabul edişiň subýektiniň çagalaryň iki sany toparyna berýän bahasy beýan edilýär. Toparlaryň biri "söýgüli", beýlekisi bolsa "halanmaýan" çagalardan düzülýär. "Söýgüli" çagalar (bu ýagdaýda göze ýakymly) ýumuşlary ýerine ýetirenlerinde ýalňyş (bilgeşleýin) goýberip, "halanmaýan" çagalar ony göwnejaý ýerine ýetirseler-de kabul ediji položitel bahalary "söýgüli", otrisatel bahalary bolsa "halanmaýan" çagalara beripdir.

Paýhasçylardan ilkinji ýöňkemeklik nazaryýetini teklip eden F.Haýder bolup, ol sosial paýhasnamada "köçe adamsynyň", "türkana" paýhasnamasyna, ýöne sagdyn pikiriň pähimine salgylanmagyň ýerliklidigini aýgytly belledi. Haýderiň pikiriçe adamlara umuman şeýleräk

pikir ýöretme mahsus bolýar: “erbet adamda erbet sypatlar”, “gowy adamlarda gawy sypatlar bolýar” we ş.m. Şonuñ üçin özüñi alyp barşyñ sebäbini we häsiýetnama ýöñkemek hut şeýle nusgada amala aşyrylýar: “erbet” adamlara hemişe erbet hereketler ýöñkelip, “gowulara” bolsa – gowusy ýöñkelýär. Şeýle düşündiriş sagdyn pikiriñ has bir giñden ýaýran häsiýetini açyp görkezýän-de bolsa, bu şol bir wagtyñ özünde atribusiýa tutumynyñ çenden subýektiwligini subut edýär. Ylmy psihologiýa bu hadysany adamyñ gündelik kabul edişiniñ şerti hökmünde kabul etse-de, esasy mesele şeýle subýektiw çemeleşişiñ ýüze çykyş çägini derñemek bolup durýar.

Kauzal atribusiýa taglymatynda gapma-garşylykl;y düşünjeler pikirine uly orun berilýär: haçanda “erbet” adama oñyn däl sypatlar ýöñkelip, kabul edijiniñ özi bolsa gapma-garşylykly - kontrast ýagdaýda özünde oñyn sypatlar bar hasaplaýar. Düýpli operasional derejede bu pikir G.Kelliniñ belli tejribelerinde açylyp görkezilendir. Bu derñewlerde üstünligiñ ýa-da şowsuzlygyñ sebäbini ýöñkemekligiñ mazmunynyñ waka gatnaşýanyñ we syn edýäniñ orunlary üçin tapawutly bolýandygy subut edildi. Görüp otursañ özara täsirdäki şowsuzlyk gatnaşyjy we syn ediji tarapyndan dürli-dürli bahalandyrylýar: gatnaşyjy şowsuzlykda esasan obýektiw ýagdaýlary “günäkärlese”, syn ediji orunda durýan adam şowsuzlykda hut ýerine ýetirijini “günäkärleýär”.

Şu wagta çenli seredilen nusgalarda, ýagny, Haýderiń, Bellisiń we Jonsyń herekete sebäp ýöńkemek nazaryýetenіń düşündiriş nusgalary arkaly anyklamak kynlaşýar. Muny nazarda tutup, Kelli herekete sebäp ýöńkemekligi adamyń şol bir hereketi bir däl-de, birhäçe ýagdaýlarda ýüze çykarmagynda hem anyklap bolýar. Şeýle hem hereketiń diňe bir pursatda däl-de, uzak wagtyń dowamynda ýüze çykyşynyń sebäbini aýdyńlaşdyrmaga mümkinçilik berýan nazaryýeti esaslandyrýar. Mysal üçin:

köçäni geçmeli däl ýerden özüni maşyn kakmak howpuna sezewar edýän adamyň hereketini sebäbi dürli-dürli bolup biler. Belki bu adam başga ýerlerde düzgüni bozýan däldir. Belki ol özüne äpişgeden seredýän söýgülisine batyrlygyny görkezýändir. Belki ol pikire batyp, barşyna ýoly ortalap, aňlandan soň uza dolanmak giç bolandyr. Belki ol öz gylyk-häsiýeti boýunça gadagan edilen zady bozmaklyga endik edendir.

Kelliniň kauzal atribusiýasy – herekete sebäp ýöňkemek nusgasy bu goýlan sowallary aýdyňlaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Kelliniň nusgasynda hereketiň sebäbini düşündirmekde aşakdaky şertler ulanylýar:

1. Hereketiň ylalaşyklygy – bu adamyň görkezýän hereketiniň jemgyýetde kabul edilen normalar, düzgünlere laýyklygy, ýokarky derejedäki ylalaşyklylyk adamyň bu hereketiniň ähli adamlara mahsusdygyny pes derejedäki ylalaşyklyk bolsa ýeke tälkiligini, ýagny diňe şu adama mahsusdygyny görkezýär.
2. Kelliniň bu babatda esaslandyrýan ikinji bir şerti dyrgunlylygy, ýagny, bu hereketiñ dürli ýagdaýlara degişlilikde ýüze çykyp ýa-da ýüze çykmazlygydyr.
3. Üçünji şerti bolsa tapawutlylygy ýagny hereketiň hut şu obýekte degişlilikde mydama ýüze çykýanlygy ýa-da çykmaýanlygydyr. Bu üç şert ýokarky kauzal atribusiýa nusgalaryndan tapawutlykda hereketiň diňe bir görnüşine däl-de onuň dürli görnüşlerine laýyklykda maglumat toplap, hem-de diňe bir ýagdaýa däl-de, dürli ýagdaýlara ýaýraýan bir obýekte-stimula degişlilikde hereketiñ durnukly ýa-da durnuksyz ýüze çykarýandygyny ýa-da çykmaýandygyny anyklamaga mümkinçilik berýän nazaryýet nusgalarydyr. Şeýlelikde hereketiñ sebäbini şahsyýetiñ hut özüne, daşky şertleriñ aýratynlygyna hem-de dörän ýagdaýa-situasiýanyñ özboluşlylygyna degişlilikde ol sebäbi anyklap bolýar. Şuña laýyklykda šahsy atribusiýa ýa daşky şert atribusiýasy, ýagdaý situasiýa atribusiýasy tapawutlandyrylýar. Mysal üçin:

jahyl ýigit şa ýaly görkezilen ýerinde däl-de, düzgüni bozup, janyna howpa sezewar edip, düzgüni bozup geçýär. Aýdaly beyleki adamlar hem hut şu ýerde düzgüni bozup geçýärler, ýöne bu adam başga ýerlerde şeýle ýagdaýda düzgüni bozmaýar (pes durnuklylyk) we ş.m. Şeýle logikany dowam etdirip biz ylalaşyklylygyñ, durnuklylygyñ, tapawutlylygyñ biriñ pes beýlekisiniñ ýokary bolýan utgaşmalaryna laýyklykda hereketiñ sebäbini bir ýagdaýda ýañky ýol kesýäniñ özüne ikinji bir ýagdaýda geçelgäniñ oñaýsyzlygyna üçünji ýagdaýda şu pursatda dörän ýagdaýyñ aýratynlygyna syrykdyryp anyklap bolýar.

## 2.5. Aragatnaşyk pikir alyşmak we duýgy alyşmak hökmünde

Aragatnaşygyń maglumat alyşmak tarapynyń iń bir maksadalaýyk nusgawy derejesi haçanda taraplaryń biriniń berýän maglumatynyń garşydaşyna hiç bir bökdençsiz dolulygyna baryp gowuşmagydyr. Emma hakyky durmuşda bu ýagdaý örän seýrek bolýar. Taraplaryń biriniń beýlekä geçirýän maglumaty psihikanyń belli bir mehanizmleri arkaly togtadylýar. Onuń adam ańyna geçmekliginiń ýolunda ýörite päsgelçilikler döredilýär. Munuń esasy sebäpleriniń biri täze gowuşýan maglumatyń adam üçin belli bir ońaýsyzlyklar döredýänligi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle maglumat köplenç adamyń öńki öwrenişen, özüne ońaýly pikir ýöretmelerini, sebäp-netije yzarlamaklygyny üýtgetýär, bozýar. Öz pikir ýöretme usulyndan ýüz öwrüp, onuń täzesini özleşdirjek bolmaklyk adam üçin mydama ońaýsyz bolýar. Ol ony islemeýär. Hut şonuń üçinde adam seýrek ýagdaýlar bolaýmasa, öz pikir-duýgy durkuny üýtgedip biläýjek maglumatlaryń öńüne, ýoluna ýörite päsgelçilikler döredýär. B.Porşnewiń tassyklaýşyna görä

bir adamyń beýlekä bir zat aýtmagynyń hemişe yryjy, öz erkine tabyn ediji täsiri bolýar. Islendik aýdylmanyñ yrylma bolyp duryandygynyadamlar, umuman, añşyrýarlar we garşydaşynyñ aýtmasyna hemişe Hut şeýle tabyn bolmaklykdan boşamak üçin adam garşydaşyny özüne gönükdirýän maglumatynyń ýolunda psihologik bökdençler, süzgüçler döredýär. Garşydaşyń yryjy, öz erkine tabyn ediji maglumatyny aňa geçirmezligiń Porşnewiń görkezijisine görä üç usuly bardyr:

1. Gaça durmak.
2. At-abraý (awtoritet)

<u>Gaça durmak</u> we <u>at-abraý</u> – maglumat berýäniń hut özüne gönükdirilip, <u>düşünmezlik</u> bolsa, maglumatyń mazmunyna gönükdirilendir.

**Gaça durmaklyk** – bu garşydaşyń özüńde ońaýsyzlyk döredäýjek maglumatyny aňa geçirmezligiń iń bir ähtibar usulydyr. Iń ýönekeý ýagdaýda adam özüne gönükdirilýän maglumatdan gaça durmaklyk üçin söhbetdeşinden ýüzüni sowýar, öz eline, dyrnaklaryna sereden bolýar we ş.m. Leningrad blokadasyny başdan geçirenler özüni ejizlige salýan ol baradaky maglumat bilen ikilenç ýüzbe-ýüz bolmazlyk üçin blokada hakyndaky kinofilmlere, spektakllara gitmek telibinden ýüz öwürýärler. Çilim çekmekligiń öýkende rak keselini döredýänligi dogrusyndaky makalaly žurnallary çilim çekmeýänleriń 60%-i, çilim çekýänleriń bolsa diňe 30%-i okaýarlar. Sońkylaryń 70%-i özüni ońaýsyzlyga salýan maglumatlardan ýüz öwürýärler.

**At-abray (awtoritet)** – hem özüne gönükdirilen maglumaty kabul edip ýa-da etmezlige esas bolýan şerleriń biridir. Biz öńki geçilenlerden adamyń haýsy mehanizmleriń esasynda ol ýa-da beýleki adamy at-abraýly ýa-da abraýsyz topara goşýanlygyny bilýäris (steriotipleşdirme, şahsyýetiń içki- implitist taglymaty we beýlekiler adama at-abraý ýa-da pes awtoritet ýöńkemekligiń döredijileri bolup durýar.) Ege-de adam

garşydaşyny at-abraýly hasaplaýan bolsa, onda onuň aýdýan maglumatlaryny hiç bir şübhesiz öz aňyna geçirýär we ynanjyna öwürýär ýa-da tersine, at-abraýly hasaplamasa, onuň aýdýan maglumatlaryna şübheli garap, olary öz aňyna geçirmeýär.

Aragatnaşykda döreýän esasy päsgelçilikleriň biri-de düşünmezlikdir. **Düşünmezlik** – garşydaşyň tabyn ediji, yryjy täsirine garşy durmaklyk mehanizmi görnüşinde öz gezeginde birnäçe görnüşlere bölünýär:

1. Fonetiki düşünmezlik.
2. Semantiki düşünmezlik.
3. Stilistik düşünmezlik.
4. Logiki düşünmezlik.

**Fonetiki düşünmezlik** – adyndan belli bolşy ýaly sözleriň seslendirilişiniň nätakyklygy, aýyl-saýyl dälligi bilen baglanyşyklylykda ýüze çykýan maglumata düşünmezlikdir.Munda kommunikator sösleri örän çalt aýtmaklygy netijesinde sesler bir-birine sepleşip, aňşyryp bolmaýan seslenmeleriň üznüksizligi ýüze çykýar. Başgaça aýdanyňda, fonetiki düşünişmezlik haçanda aragatnaşykda sözleri düzýän sesler ýuwdulyp ýa-da çendan ýokary çaltlykda aýdylan ýagdaýynda ýüze çykýar. Muňa aýdyň musal hökmünde şeýle bir durmuşyň pursatyny-epizot getirýärler. Watançylyk urşy döwründe faşistik radio propogandanyň aýdyjylary (diktor) "Gitler size jenneti söz berdi – hakykatda bolsa siziň ogullaryňyzy gabra dykdy" we ş.m.wagyzlary, her bir many böleginden soňra sözlerine dyngy (pauza) beren wagtlarynda, antifaşistik aýdyjylar şu aralyga özleriniň garşylyklaýyn wagz-nesihatyny şatl yk bilen goşupdyrlar. Muňa ýol bermezlik üçin faşistik gürleýjiler öz çykyşynyň çaltlygyny (depginini) ýokarlandyrmaly bolupdyrlar. Munuň täsirinde olaryň sözi biri-birinden tapawutlandyryp bolmaýan güwwüldä öwrülip, diňleýjilerden oňa düşünip bolmaýanlygy dogrusynda nägilelik gelip ugrapdyr.

**Semantik düşünmezlik** – aragatnaşykda sözleriń fonemalarynyń düşünikliliginde , sözleriń manysynyń ony kabul edýäne düşnüksizligi esasynda ýüze çykýar. Hakykatdan-da aragatnaşykda ulanylýan sözleriń esasy bölegi düşnüksiz çet yurt diliniń ýa-da ýörite döredilen ańlatmalaryń kesekiligi, ýatdygy, ońa düşünmeklik mümkinçiliklerini aradan aýyrýar. Mundan başgada, köp sözleriñ islendik dilde iki ýa-da ondan köp manysynyñ bolýanlygy bilen baglanyşykly bolsa, ikinji tarapdan käbir adamlar toparynyñ göçgünlik üçin adaty sözlere başgaça at bermekligi bilen düşündirilýär. Meselem: terbiýesi kem ýaşlar toparlarynda öz öýüne "ahyr", göwni ýetmeýän deñ-duşlaryna "horaz" we ş.m. diýmekligi. Kä halatlarda lukmanlaryń agyr hassanyń ýanyndaky maslahatda nähoşa düşündirmezlik üçin keseliń adyny, häsiýetini latynça ańlatmak kabul edilendir. Semantiki päsgelçilik şekilleriń kabul edilişinde hem ýüze çykyp bilýär. Kinoekranda uly planda adamyń kellesiniń görkezilmegini kinony ilkinji görýän daýhanlar kesilen kelle hökmünde, otlyny bolsa, öz üstlerine gelýän hökmünde kabul edip gaçypdyrlar. **Stilistiki düşünmezlik** – haçan-da sözler, sözlemler fonetiki, semantiki taýdan maksada laýyk bolup, emma sözlemleriñ aragatnaşykda gurnaw taýdan düzülişiniñ çylşyrymlylygy, agyrlygy. **Logiki päsgelçilik** – aragatnaşykda sözleriń teoretiki, semantiki, stilistiki düşnükliliginde taraplaryń bir-birlerine degişlilikde ulanýan delilleriniń, subutnamalarynyń bir-biriniń pikir ýöretmesine laýyk däldigi bilen baglanyşyklylykda ýüze çykýar. Muńa adaty mysal görnüşinde XX asyryń 20-nji ýyllarynyń ahyrynda A.R.Luriýa Wygotskiniñ tabşyrygy boýunça Özbekistanda heniz sowet mekdeplerinde (likbezlerde) okamadyk we onda sowat alan adamlarda pikr jemlemekligiñ sellogizm usulyny teklip edip, ony çözüp bilişlerini barlaýarlar.Sowatsyzlar sellogizmleriñ gözbaşy esaslaryny delil hökmünde kabul etmeýärler, mysaly çözüp bilmeýärler.Likbezde bolanlar bolsa bu

ýumuşlary kynçylyksyz çözýärler. Mysal üçin: demirgazykda ýaşaýan aýylar akdyrlar. Bu jandar aýy, ol demigazykda ýaşaýar. Diýmek, ol akdyr.

Bu agzalan düşünmezlik päsgelçiliklerini aradan aýyrmak üçin degişli usullardan peýdalanylýar. Mysal üçin: fonetiki päsgelçiligi ýeňip geçmek üçin adamyň bir minudyň dowamynda aýtmaly sözleriniň mukdary kesgitlenýär: 170-180 söz. Semantiki we stilistiki päsgelçilikler sözleriň her bir birmazmunlylygyny gazanmak sözlemleriň düzülişini ýonekeýleşdirmek ýaly usullar bilen aradan aýrylsa, logiki päsgelçiligi ýeňip geçmek üçin kabul edijiniň (diňleýjileriň –auditoriýanyň) sowat medeni derejesine laýyklykda bir taraplaýyn ýa-da iki taraplaýyn subutnamalar ulanmak, tekstiň beýan edilişini bölekleýinden umumylyga ýa-da tersine häsiýetde guramak arkaly ýeňip geçmek mümkin.

Stilistiki päsgelçiligiň sözlemleriň düzülişiniň, pikirleriň beýan edilişiniň çylyşyrymlylygy netijesinde döreýänligini nazarda tutup, ony ýeňip geçmek barada birnäçe usullar bardyr. Bilşimiz ýaly, adamda sözleýiş ilki awtonom-özbaşdak sözleýiş (çaganyň ulularyňka meňzemeýän sözleri ulanmagy), soňra sözden durian sözlemler, soňra diňe eýe habardan durýan sözlemler, ahyrda bolsa düzümine aýyklaýjy agzalar goşulyp düzülýän sözlemler görnüşinde bolýar. Eger-de şuny nazarda tutsak, stil (sözlemleriň düzülişi) bilen baglanyşykly päsgelçiligi aragatnaşykda aradan aýyrmak üçin sözlemleriň düzülişini onuň has irki görnüşlerine golaýlaşdyrmak has maksada laýykdyr. Adamlaryň aragatnaşykda çylşyrymly düzlüşdäki sözlemleriň belli bir ulgamlarda zerurlyk boýunça ulanylýanlygyny göz öňünde tutsak, onda bu derejede hem stilistiki päsgel ciligi ýeňip geçmeklik usullaryny döretmek maksada laýykdyr. Stilistiki barýeri bu derejede ýeňip geçmek dogrusynda belli bir usullar işlenilip düzülendir. Bu barada **ramka** we **zynjyr** täsirlerini görkezmek bolar.

**Ramka**-haçanda beýan edilýän maglumat belli bir çylşyrymlylykda bolanda, maglumaty aýdýan ilki sözüniň başynda näme dogrusynda esasan gürrüň ediljekdigini köp bolmadyk sözlemlerde aýdýar. Sözüni ahyrlanda bolsa,ol ýene-de bu söhbetde nämeler hakynda durulyp geçilendigini jemleýji sözlemlerde beýan edyär. Netijede gürrüňiň mazmuny onuň başda we ahyrynda nygtalýan esasy pikirleriň arasynda, ýagny, "ramkada" galýar.

**Zynjyr**- täsiri bolsa beýan edilýän mazmun çylşyrymly bolanda, gürrüň berýän ony, birinjiden, ikinjiden, …altynjydan diýen ýaly bir-biriniň yzyna tirkewlýän piker bölekleri arkaly özleşdirilmesini we ýatda galmaklygyny ýeňilleşdirýär. (bu usulyň elýeterligini nazarda tutup hat-da tost aýdýanlar hem birinjiden jan-saglyk, ikinjiden agzybirlik diýen görnüşdäki sözlemleri düzýärler)

# Bap III. Aragatnaşyk özara hereket alyşmak hökmünde

## 3.1 Aragatnaşyk mazmuny hereketleriň alyş-çalyşygy hökmünde

Aragatnaşygyň bu tarapyny özbaşdak hadysa hökmünde ýüze çykarmak belli bir kynçylyklar döredýär. Sebäbi maglumat alyşmak ýa-da biri-biriňi kabul etmek bilen baglanyşykly bolmadyk özara hereketi göz öňüne getirmek kyn. Emma gündelik durmuşda aragatnaşyk wagtynda biz maglumat kabul etmek bilen bir hatarda garşydaşymyzyň özümizi haýsydyr bir tarapa "itekleýändigini", "basmarlaýandygyny" umuman onda hereket güýç täsiriniň gelip gowuşýandygyny duýýarys. Aragatnaşyk bilen özara täsiriň arasyndaky baglanyşyk şübhesiz bolsa-da bu iki düşünjäni tapawutlandyrmak we şonuň üsti bilen tejribäni takyk gönükdirilen häsiýetde guramak çetindir. Awtorlaryň bir bölegi aragatnaşygy we özara täsiri bir hadysa hasaplap, ikisini-de kommunikasiýanyň dar manysynda ulanýarlar (maglumat alyşmak manyda), beýleki awtorlar özara täsir bilen aragatnaşygy bir tutumyň görnüşi bilen onuň mazmunynyň arasyndaky gatnaşyk hökmünde seredýärler. Kähalatlarda bu hadysalary aragatnaşygyň baglanyşykly, şol bir wagtyň özünde özbaşdak hadysasy hasaplaýarlar. Bu dürli nukdaýlar belli bir derejede adalga kynçylyklar bilen döredilýär. Meselem, "aragatnaşyk" sözüň giň we dar manysynda ulanylýar. Eger-de aragatnaşygyň gurluşy dogrusyndaky nusgadan ugur alsak, ýagny aragatnaşyk sözüň giň manysynda (şahsyýetara we jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hakykaty hökmünde) kommunikasiýany dar manyda öz içine alýan hasaplasak (maglumat alyşygy hökmünde), onda özara täsire aragatnaşygyň kommunikatiw tarapynyň beýleki tarapy hökmünde seretmek maksadalaýykdyr.

Eger-de kommunikatiw tutum belli bir bilelikdäki işiň esasynda döredilýän bolsa, onda bu iş dogrusynda bilim we pikirler alyşmak, gazanylan düşünişmekligiň işiň mundan beýläk ösdürmekliginde guralmagynda amala aşyrmaklygyny göz öňünde tutýär. Bu işe birbada köp adamlaryň gatnaşmagy oňa her kimiň öz aýratyn goşandyny goşmalydygyny aňladýar. Bu bolsa özara täsire bilelikdäki işiň guralyşy hökmünde seretmäge esas berýär.
.

Bu işiň tutumynda gatnaşyjylaryň diňe bir maglumat alyşmaklygy möhüm bolman, eýsem "hereketleri alyşmak", umumy işi meýilnamalaşdyrmak zerurdyr. Bu meýilnamalaşdyryşda bir adamyň hereketiniň "başga biriniň kellesinde dörän meýilnama"[1] arkaly dolandyrylmagy mümkin bolýär. Bu ýagdaý işi hakykatdan-da toparlaýyn häsiýetli işe öwrüp, onuň ýerine ýetirijisi aýratyn adam däl-de, topar bolýar. Şeýlelikde "özara täsir" düşünjesi aragatnaşygyň haýsy "beýleki" tarapyny açyp görkezýär diýen sowala indi jogap bermek bolar. Bu tarap diňe öźüniň kömegi bilen beýleki garşydaşyň özüni alyp barşyny üýtgedýän belgileriň alyşygyny öz içine alman, eýsem topara öz agzalary üçin umumy işi amala aşyrmaga mümkinçilik berýän bilelikdäki hereketleriň guralyşyny-da özünde jemleýär. Meseläniň şeýle çözlüşi özara täsiri kommunikasiýadan aýyrmaklygyň öňüni alyp, şol bir wagtyň özünde, olary bir-birine syrykdyrmaýar: kommunikasiýa bilelikdäki işiň tutumynda we onuň "tagallasy" bilen guralýar we hut şu işiň tutumynda adamlar maglumat we hut işiň özini alyşmaly, bilelikdäki hereketleriň görnüşlerini we kadalaryny döretmeli bolýarlar.

Sosial psihologiýanyň taryhynda bu özara täsirleriň gurluşyny anyklamaklyga birnäçe synanyşyklar edildi. Meselem, Günbataryň sosial psihologiýasynda "hereket taglymaty" ýa-da "sosial hereketiň taglymaty" atlandyrylýan taglymatlar giňden ýaýrap, olarda hereketiň

ýeke adama laýyk tutumynyň beýany dürli görnüşlerde teklip edildi. Bu pikire sosiologlar M.Weber, P.Sorokin, T.Parsons sosial psihologlar Ýang, Frimen we beýlekiler ýüzlendiler. Olaryň hemmesi özara täsiriň bir topar düzüjilerini – adamlary, olaryň baglanyşygyny, bir-birlerine täsir etmegini we onuň netijesi hökmünde olaryň üýtgemeklerini göz öňünde tutýarlar. Bu derňewlerde esasy wezipe özara täsirdäki hereketleriň motiwasiýasynyň kesgitleýji şertlerini anyklamak hasaplanylypdyr. Bu pikiriň amala aşyrylyşynyň mysaly hökmünde T.Parsonsyň taglymatyny görkezmek bolar. Bu taglymatda sosial hereketiň gurluşyny ýazmak üçin umumy düşünje – beýanet ulgamyny döretmek göz öňünde tutulýar. Onuň nusgasynyň düzüjileri: a)işgär, b)"beýleki" (hereketiň gönükdirilen obýekti), w) kadalar (özara täsir olara laýyklykda guralýar), gymmatlyklar (her bir gatnaşyjynyň ymtylýany, agtarýany), d)ýagdaý (hereketiň amala aşyrylýan ýeri, pursaty) bolup durýar. Işgäriň hereketiniň ugrukmalary (islegleri) amala aşyrmaklyga gönükdirilenligi, onuň işiniň motiwasiýasy bolup hyzmat edýär. "Beýlekä" degişlilikde işgär ugrukmaklygyň we garaşmaklygyň ulgamyny ösdürýär. Bu hadysalar maksada ýetmek üçin ymtylyş, şeýle hem beýlekiniň ähtimal jogap hereketlerini göz öňünde tutmak arkaly kesgitlenýär. Ýa.Şepanskiý üçin sosial özüňi alyp baryş ýazylanda merkezi düşünje sosial baglanyşyk bolup durýar. Ol şu aşakdakylaryň yzygiderli amala aşyrylyşy hökmünde seredilip bilner: a)giňişlik galtaşmasy, b)psihologik galtaşma (Şepanskiniň pikiriçe bu özara gyzyklanma), w) sosial galtaşma (bu ýerde bilelikdäki iş göz öňünde tutulýar), g)özara täsir (bu "garşydaşyň degişli jogap hereketini döretmek üçin hereketleriň yzygiderli amala aşyrylmagy"[2] hökmünde kesgitlenýär), galybersede, d)social gatnaşyklary (hereketleriň bir-biri bilen utgaşýan ulgamy). Bu ýerde ähli aýdylanlar "sosial

baglanyşygyň” häsiýetnamasyna degişli bolsa-da, onda “özara täsir” görnüşi has giňişleýin berlendir.

Özara täsiriň öňünden gelýän basgançaklaryň bir hatara ýerleşdirilişi onçakly takyk däldir: bu nusgada giňişlik we psihiki galtaşmalaryň özara täsiriň ýekelik-indiwidual tutumynyň esasy bolup durýanlygy zerarly bu taglymat mundan öňküleriň ýalňyşlyklaryny ýeňip geçip bilmeýär. Ýöne özara täsiriň bilelikdäki iş hökmünde “sosial galtaşmanyň” esasyna goşulmagy ýagdaýy köp derejede üýtgedýär: eger özara täsir bilelikdäki işiň amala aşyrylyşy hökmünde döreýän bolsa, onda mazmun tarapyny öwrenmäge ýol açylýar. Emma nusganyň gutarnykly däldigi onuň özara täsiriň gurluşyna akyl ýetirmek mümkinçiligini peseldýär. Hakykatdan-da tejribeçiler entek özara täsiriň anatomiýasyna geçmezden diňe onuň özi dogrusynda pikir ýöredýärler.

## 3.2 Aragatnaşykda orunlar

Aragatnaşygyň interaktiw tarapynyň derňewi belli bir kynçylyklar bilen baglanyşyklydyr. Munuň sebäbi kommunikasiýasyz-maglumat geçirilmesiz taraplaryň özara täsirini, hereketini aýratyn seretmegiň örän kynlygy bilen baglydyr (edil şonuň ýaly-da belli bir özara hereketi göz öňünde tutmaýan kommunikasiýanyň bolup biljekligi şübhelidir.)

Emma şeýle-de bolsa, aragatnaşygyň belli bir ýagdaýynda taraplaryň biri-birine maglumat geçirmekligi däl-de, olaryň biri-birine laýyklykda eýeleýän orny, bu ornuň güýçlüligi, haýbatlylygy ýa-da tabyn bolmaklygy, ejizligi esasy many dörediji zat bolup durýar. Başga bir tarapdan, adamlaryň özara gatnaşygynda kähalatlarda olaryň edýän hereketleri aýdýan sözlerinden has manyly bolýar.(“mollanyň aýdanyny et, edenini etme” pähiminiň ters görnüşi)

Aragatnaşygyñ belli bir ýagdaýynda taraplaryñ eýeleýän orunlarynyñ dereje, güýç häsiýetnamasy aýgytlaýjy bolýanlygy üçin muny derñeýän ýazarlar aragatnaşykda orunlary ýüze çykarmagy esasy wezipe edip goýýarlar. Mysal üçin: iñlis psihology Perez has umumy derejede aragatnaşykda hojaýyn we tabyn bolýan orunlary tapawutlandyrýar. Bu orunlaryñ özboluşlylygy ilkinji nobatda ony eýeleýänleriñ ulanýan söz añlatmalarynda ýüze çykýar. Hojaýynyñ ornunda hereket edýän adam, adatça, "sen ony etmelisiñ", "sen ol ýere hökman barmalysyñ" we ş.m. añlatmalary ulanýan bolsa, tabyn bolýanyñ ornundaky "men şeýle edilse gowy bolar öýütdim" we ş.m. añlatmalary ulanýar.

Başga bir tarapdan edil ýokardaky bölünişe manydaş aragatnaşykda yzarlaýjy, pida, kömekçi ýaly orunlar hem tapawutlandyrylýar.

**Yzarlaýjy** – bu garşydaşynyñ özüni alyp barşyny çäklendirmäge, oña düzediş bermäge, öñünde talaplar goýmaga ýykgyn edýän adamdyr.

**Pida** – haýsydyr bir ýumuşy belli bir sebäplere, bökdençlere görä ýerine ýetirip bilmeýän, bu babatda özüniñ alaçsyzlygyny duýdurýan adamyñ häsiýetnamasydyr.Adatça pidanyň orny aragatnaşykda iñ amatly orun hasaplanýar.

**Kömekçi** – yzarlaýjy bilen pidanyň arasynda hereket edýän we mümkingadar ol orunlary ylalaşdyrmaklyga çalyşýan adamyň ornudyr.

Aşakdaky mysalda biz bu orunlaryň özboluşlylygyna we bir-birine öwrülişine göz ýetirip bilýäris. Aragatnaşyk är-aýal we olaryň ýaş ogullarynyň arasynda bolýar.

**Ogly:** (yzarlaýjynyň ornunda)

- Men size gök reňkli köýnegi halamok diýdimä. Menä şony geýmen.

**Ejesi:** (pidanyň rolunda)

- Oguljygym, menä saňa nädip ýaranjagymy bilemok. Näme etsem ters bolaýýar.

**Kakasy:** (aýalyna degişlilikde – kömekçiniň, ogluna degişlilikde – yzarlaýjynyň rolunda)

- Sen ejeň bilen nähili gürleşýärsiň?! Göteril şu ýerden, saňa şu gün agşamlygan ýok.

**Ogly:** (pidanyň polunda)

- Özlerä maňa hemişe dogryňy aýtmaly diýýärler. Dofryňy aýtsaň hem seniň özüňi günäkärleýärler.

Aragatnaşykda adamlaryň özboluşly görnüşlerini esaslandyranlaryň biri-de E.Berndir. Ol psihologiýada uly meşhurlyga eýe bolan **tranzakt seljermesi** (analizi) taglymatynyň döredijisidir.

Berniň tranzakt seljermesinde esasy düşünjeleriň biri ego-nyň ýagdaýlary hadysasydyr. Ol ego-nyň ata-ene, uly adam we çaga ýagdaýlaryny ýüze çykarýar.

**Ego-nyň ata-ene ýagdaýy** – bu şahsyýetiň öz irki çagalyk döwründe ata-enesiniň özüne ýüzlenişi, terbiýeçilik täsiri nusgasynyň kabul edilende aňlanylmaýan ýagdaýda öz hereketlerinde, beýleki adamlara bolan gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Ego-nyň ata-ene ornundan hereket edýän adamyň özüni alyp baryşy, beýlekilere görkezme beriji, talap ediji, ýazgaryjy, akyl öwrediji häsiýetde bolýar.

**Uly adamyň orny** – obýektiw hakykata gönükdirilendir. Ol barlygy dörän iş we şahsyýetara ýagdaýyny mümkingadar takyk kabul edip, oňa laýyk takyk hereketleri amala aşyrmaklyga çalyşýar.

**Ego-nyň çaga ýagdaýy** – bu biziň irki ýaşlygymyzda ýüze çukaran gylyk-häsiýetlerimiziň, häzirki uly adam döwrümizde aňlanylmaýan häsiýetde dörän ýagdaýy uly adamlara mahsus usulda kadalarda amal edip bilmeklige kynçylyk çekenimizde ony çaga mahsus usulda amal etmeklige ymtylmagymyzdyr.

Görüşimiz ýaly Berniň tranzakt seljermesiniň nazaryýet esasy Z.Freýdiň sihoanaliz taglymaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Edil psihoanalizdäki ýalu bu ýerde hem adamyň hakykata laýyklykda, ýagny, ego-nyň

talabyndan hereketlenişi, ýerliksiz hereketleriň gadagan edilmegi bilen, ýagny, superego-nyň talabyndan hereketlenişi bu ýerde hem gaýtalanýar. Eger-de, Z.Freýdiň psihologik goranyş reaksiýalaryndan regressiýany – adamyň aljyran ýagdaýynda çaga hereketlerine ýüz urmaklygyny ýada salsak, onda Berniň ego-nyň çaga ornundan edilýän hereketi hem düşünikli bolýar.

Berniň tranzakt sekjerme taglymatynyň ikinji bir esasy düşünjesi tranzaksiýasydyr. Göni terjime edilende "özara gatnaşyk" manysyny berýän bu hadysa şahsyýetara gatnaşyklarynda ego-nyň ýokarda görkezilen ata-ene, uly adam, çaga orunlarynyň dürli görnüşdäki özara utgaşmalary görkezýär.

Aragatnaşykda tranzaksiýanyň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Biri-birine laýyk, dolduryjy tranzaksiyalar.
2. Kesişýän ýa-da çapraz tranzaksiýalar.
3. Gizlin tranzaksiýalar.

**Biri-birine laýyk, dolduryjy tranzaksiyalar** – taraplaryň biri-birini kabul edişleri takyk bir-birinden garaşmalary we bir-birini bahalandyryşy anyk häsiýetde guralýan aragatnaşyklardyr. Bir-birine laýyk, dolduryjy tranzaksiýa öz gezeginde **deň** we **deň däl** tranzaksiýalara bölünýär. Mysal üçin: deň biri-birine laýyk, dolduryjy tranzaksiýa: aýaly: "Men elimi kesäýdim." , adamsy: "wah-eý hany men ony daňyp bereýin!"




**Deň biri-birine laýyk tranzaksiýalar.**

**Aýaly:** - Men elimi kesäýdim!
**Adamsy:** - Wah-eý, hany men ony daňyp bereýin!

Aýdylyşy ýaly tranzaksiýalaryň ikinji bir görnüşi kesişýän ýa-da çapraz tranzaksiýalar bolup, onda taraplaryň biriniň pikir niýeti garşydaşy tarapyndan nädogry düşünilýär. Munda taraplaryň biri hiç bir gapdal niýetsiz haýsydyr bir mesele boýunçagarşydaşyna ýüzlenende garşydaşy ony "bu sözleriň hökman bir çöpi bardyr", "bu meni synap görjek bolýar" diýen ýaly şübheler esasynda kabul edýär. Edil şuňa laýyklykda hem taraplar ego-nyň dürli-dürli orunlaryndan hereket edýärler.




**Aýaly** **Adamsy**

**Deň däl biri-birine laýyk tranzaksiýalar.**

**Aýaly:** - Men elimi kesäýdim!
**Adamsy:** - Seniň edäýjegiň hem şol! Hiç wagt özüňi öňarman geçjek-dä!
**Deň däl biri-birine laýyk tranzaksiýada:** taraplar biri-biriniň aýdan zatlary bilen ylalaşýan, aýdylana kaýyl bolýan hem bolsalarda, olaryň aragatnaşygynda ego orunlary dürli-dürli derejelerde bolýar.
**Başlyk:** - Ol işiňiz ýene-de başaq barmadymy? Be, beýlede bir nalajedeýinlik bolarmy?
**Orunbasar:** - Ýene-de bolmady. Meniň ukybym ýagdaýlyrak.
Bellenilişi ýaly tranzaksiýalaryň ýene-de bir görnüşi **gizlin tranzaksiýalar**. Adyndan görnüşi ýala bu tranzaksiýalaryň iki derejesi bolup, olaryň biri **daşky aňladylyş tarap**, ikinjisi bolsa daşky aňladylyşdan düýpgöter başga mazmuny berýän **içki tarapydyr**.




Mysal üçin: uzaga çeken ýürege düşgünç ýygnakda iki sany kärdeşiň arasynda şeýle gürrüň bolup geçýär:

- Öýläne golaý potratçylarymyz hem gelmelidirler.
- Dogrudanam, gowy ýatlatdyň şolara ýetişmek üçinbir alaç etmelidiris.

Bu aýzbergiň-buz läheňiniň täji ýaly tranzaksiýalaryň daşky göze ilýän-eşidilýän tarapydyr. Onuň içki gizlin tarapy bolsa, aşakdaky görnüşdedir:

- baý, ýürege düşdi-ow. Gaçyp bolmazmyka?!
- Dogry aýdýaň, çemini tapyp jyrmaly bor.

Tranzakt seljermäniň psihoterapiýada ähmiti has-da uludyr. Psihiki bozulmalaryň sebäpleriniň bir bölegi içki aňlanylmaýan konfliktler bolýan bolsa, onuň beýleki bir

bölegi şahsyýetiň aragatnaşykda ýagdaýynyň talabyna laýyklykda özüniň ego orunlaryny çeýe üýtgedip bilmeýänligi bilen baglanyşykly bolýar. Çatynjalar kä halatlarda esassyz biriniň aýdan zadyndan gizlin, özüni tankytlaýjy many gözleýärler.

Bu ýagdaýda hakyky, deň taraply biri-biriniň üstüni ýetiriji tranzaksiýa nähak gizlin tranzaksiýa öwrülýär we dartgynlygyň döremegine sebäp bolýar. Ýa-da içgä huşuny aldyran yaş çatynjanyň adamsy, ýanýoldaşynyň gytaklaýyn –"Turmaga çen boldy" manyda aýdýan gizkin tranzaksiýasyna adaty üst ýetiriji tranzaksiýa görnüşinde düşünýär. Psihoterapewt şeýle ýagdaýda çatynjalary ilki ýekelikde, soňra bolsa, bilelikde tranzaksiýalaryň repertuary bilen tanyşdyryp, olara ego-nyň dürli derejelerinden aragatnaşyk gurmaklygy teklip edýär.

## 3.3. Aragatnaşyk ýagdaýy we hereket
## Özara hereketiñ geçýän sosial ýagdaýlary

Dartgynlylyk özüniñ daşky görnüşi we içki düýgy syzylyş ýüze çykmalary bilen tapawutlanýar. Özüniñ daşky ýüze çykyş görnüş jähtden dartgynlylyk bu taraplaryñ şol bir meselä, zada, hadysa dürli akyl ýetiriş, duýgy-emosional, hereket-gatnaşyk nukdaýdan dürli hili garaýyşda bolmaklygydyr. Özünuñ içki psihologik tarapy boýunça dartgynlylyk – bu taraplaryñ biri-birine laýyklykda garşydaşynyñ öz göwnüne ýakyndygyny duýgy-emosiýada syzmagydyr. Başgaça aýdanyñda, taraplaryñ özleri üçin örän ähmiýetli bolan meselä, gymmatlyga dürli garaýyşda bolmaklygydyr.

Dartgynlylyk özüniñ ýüze çykyşy boýunça aç-açan häsiýetde, ýagny, taraplar biri-birine mertebe peseldiji sözleri gaýgyrman aýdýan häsiýetde bolýarlar. Bu **açyk dartgynlylykdyr**.

Başga bir ýagdaýda, okuwçy iki sany gürleşip outran klasdaşlaryna golaýlaşanda, olar sözlerini birden kesip oña

gyýtak seredip, duşundan geçip, gideninden soñra bolsa, gülmek ýaly häsiýetde bolýar. Bu okuwçyny aladalandyrýar we ol iki okuwçy bilen nirede kesişendigini oýlanmaga mejbur edýär. Bu **aç-açan däl dartgynlylykdyr**.

Eýsem konflikt name sebäplere görä döreýär? Munuñ ilkinji sebäpleriniñ biri taraplaryñ özüni alyp baryşyñ hereketleriniñ biri-birine çapraz bolmaklygydyr. Mysal üçin: ekskursiýa awtobusynyñ sürüjisi, ekskursowody köplenç ýigrenýär, sebäbi ol ony köp-lenç diýen ýaly turistlere adam hökmünde tanyşdyrmaýar, oña awtobusyñ bir bölegi hökmünde garaýar.Ikinji bir sebäp, taraplaryñ bir-birine laýyklykda **rol-orun garaşmalarynyñ tassyklanmazlygydyr, ykrar edilmezligidir.** Tarplaryñ biri-birine gabat gelmezligi, bilişimiz ýaly, adamlaryñ biri-birine gabat gelmezlige **fiziki** (meselem: aýalynyñ juda uzyn, adamsynyñ bolsa, kelte bolmagy aýalynda toýa bile gitmeklige çekinjeñlik döredip, konfliktiñ başlangyjy bolýar), **psihofiziologiki** (iki tutawaçly byçgynyñ agaç kesilende bir tarapynda daýaw, beýleki tarapynda bolsa, nähoş jahylyñ bolmagy esasyndaky gabat gelmezlik), **psihologik** (taraplaryñ biri-biriniñ gylyk häsiýetiniñ laýyk bolmazlygy esasyndaky gabat gelmezligi), **sosial psihologik** (taraplaryñ ýokarda agzalan biri-birlerine rolly gatnaşyklarynyñ gabat gelmezligi esasyndaky), **sosial-medeni-ahlak-syýasy** (taraplaryñ birbirine dünýägaraýyş nukdaýdan laýyk bolmazlygy) gabat gelmezlik ýaly görnüşleri bardyr.

Konfliktiñ çözülmesi iñ bir kyn görnüşi, haçanda taraplaryñ üstünlige ymtylyşy motiwasiýasynyñ bir obýektde jemlenmegi esasynda döreýän konfliktdir. (“Bäşlikçi” hökmünde, “Tansçy”, “Aýdymçy” we çini hökmünde synpda birinji bolasym gelýär diýen motiwasiýanyñ töwereginde birnäçi okuwçynyñ ymtylmalarynyñ jemlenmegi, kesişmegi).

Adatça dartgynlylyga goşulýan taraplaryň her biri öz ýanyndan bu ýagdaýy örä howply, at-abraýyndan düşürýän, "gowusy ony dile almazlyk" ýaly pikirlere uýup, ony çözmeklige derek ondan gaça duryarlar ýa-da ýumarlaýarlar. Bu ýagdaýda dartgynlylyk daşky tarapdan aradan aýrylýan ýaly bolup görünse-de, ol şahsyýetiň içki pikir-duýgy ulgamyna geçýär we kanagat käsesi dolýança, ol ýerde güýç toplap, mydama partlaýyşa taýýar bolup duryar. Şonuň üçin nämälim zadyň aňlanylýança çözülip bilmejegi nazarda tutulyp, taraplar dartgynlygyň sebäbini biri-birlerine el uzatmak boýunça aç-açan ýüze çykaryp, ony aňlamalydyrlar. Eger-de kä bvir sebäplere görä şeýle aňlanylyş mümkin bolmasa, onda dartgynlygy gytaklaýynusulda çözmeklige ýüzlenmeli bolýar. Şeýle gytaklaýyn usullaryň biri **duýgyňy daşa çykarmaklykdyr.** Dartgynlyga uçran adam kimdir birine

S.L.Rubinşteýniň belleýşi ýaly "biz beýleki adamy özüni alyp barşynyň daşky tarapyndan "okaýarys" we onuň daşky sypatlarynyň mazmunyny aýdyňlaşdyrýarys"[2]. Bu tutumda döreýän täsir aragatnaşykda möhüm dolandyryjy ähmiýete eýedir. Birinjiden, beýleki adama akyl ýetirmek bilen indiwidiň özi hem kemala gelýär.Ikinjiden, beýleki adamy takyk "tanamak" onuň bilen sazlaşykly hereketleri guramagyň girewi bolup duryar. Hut şeýle pikiri psihologik seljeriş derejesinde L.S.Wygotskide tapýarys: "Şahsyýet diňe beýleki adama nähili görünýän bolsa öz-özüne garaýşy hem hut şeýle bolýar". Bu pikiri aragatnaşygyň takyk ýagdaýyna degişlilikde ulansak, öz-özüň baradaky düşünje beýleki adamyň üsti bilen haçanda bu "beýleki" sowa – abstrakt häsiýetde däl-de, sosial işiň giňişleýin ýerliginde seredilen ýagdaýynda mümkin bolýar. Indiwid özüni "beýleki" bilen diňe bir umumy baglanyşdyrman, eýsem bu baglanyşdyrmany bilelikdäki çözlüşleriň döredilişiniň ýerliginde seredýär.Beýleki adam aňlanan ýagdaýynda bir bada ençeme hadysalar amala aşyrylýar: beýleki adamyň

duýgy-emosional bahalandyrylyşy, onuñ hereketleriniñ gurluşyna düşünmeklige synanyşyk etmek, we muña esaslanyp onuñ özüni alyp barşyny üýtgetmek baş ugryny we öz hususy özüñi alyp barşyñ baş ugryny kesgitlemek.Özüñi beýlekiniñ üsti arkaly añlamak iki tarapy özünde jemleýär: **identifikasiýa** we **refleksiýa**.Bu düşünjeleriñ her biri ýörite düşündirişi talap edýär.

**"Identifikasiýa"** adalgasy sözme-söz özüñi beýlekä meñzetmekligi añladyp, köp sanly tejribe işlerde anyklanan adaty empiriki hadysany özünde jemleýär: beýleki adama düşünmekligiñ iñ bir ýönekeý usuly özüñi oña meñzetmekdir ýakyn bolan **empatiýa** hadysasynyň arasyndaky ýakyn arabaglanyşyk ýüze çykaryldy. Aragatnaşygyñ häsiýetnamasy nukdaýyndan ýokarda agzalan ýagdaýlaryñ ikisi-de ýene-de bir meseläni çözmekligi talap edýär. Eýsem "beýleki", ýagny aragatnaşygyñ garşydaşy maña nähili düşünýär? Biziñ özara täsirimiz muña bagly bolýar.Başgaça aýdanyñda birek-birege düşünmeklik hadysasy **refleksiýa** - öz pikiriñi añlamaklyk hadysasy bilen "çylşyrymlaşýar". Refleksiýa bu ýerde pelsepedäki ýaly subýektiñ öz-özüne akyl ýetirmekligi hökmünde düşünilmän, eýsem oña başgarak many berilýär. Sosial psihologiýada refleksiýa indiwidiñ aragatnaşykly özüniñ garşydaşy tarapyndan nähili kabul edilýändigini añlamaklygyny añladýar. Bu beýleki adamy bilmek ýa-da oña akyl ýetirmek däl-de, şol birbada beýlekiniñ meni nähili añlaýandygyny bilmek, birek-biregi goşalaýyn şöhlelendirmek, "çuññur, yzygiderli özara şöhlelendirmek bolup, onuñ mazmuny garşydaşyñ içki dünýäsini gaýtadan dikeltmekdir; üstesine-de bu içki dünýäde öz gözeginde birinji subýektiñ içki dünýäsi şöhlelenýär".

Sosial psihologiýada refleksiýany derñemek däbi örän añyrdandyr. Baryp XIX-asyryñ ahyrynda J.Holms haýsydyr bir Jon bilen Genriniñ diadiki aragatnaşyk

ýagdaýyny görkezip, bu ýagdaýda keminden alty adamyñ bardygyny tassyklapdyr.
Jonuñ hakykatdaky ýagdaýy /Holms muny “onuñ Hudaý tarapyndan ýaradylyşy” diýip atlandyrýar/; Jonyñ öz-özüni kabul edişi ýagdaýynda; Jony Genriniñ kabul edişi edil şunuñ ýalyda Genriniñ üç “orundaky” ýagdaýy. Soñ-soñlar T.Nýukom we Ç.Kuli gatnaşyjylaryñ sanyny sekize ýetirip, ýagdaýy has-da çylşyrymlaşdyrdylar: Jonuñ özüni Genriniñ añyndaky keşbinde görşi we degişlilikde Genriniñ öz keşbini garşydaşynyñ añynda görüşi. Umumy şeýle özara şöhlelenme keşpleriniñ sanyny islendikçe köpeltmek mümkinçiligi bar hem bolsa tejribe derñewlerde bu tutumyñ iki derejesini seljermek bilen çäklenýärler. G.Gibş we M.Forwerg refleksiýanyñ teklipedilen nusgalaryny umumy görnüşde getirýärler. Aýdaly, A we B iki garşydaş bar. Olaryñ arasynda A-B kommunikasiýasy we B–niñ A bolan jogaby dogrusyndaky B -A yza dolanýan maglumaty döreýär . Mundan başgada A we B-niñ özleri hakynda düşünjesi bardyr. $A^1$ we $B^1$ şeýle hem olaryñ her biriniñ beýleki barada düşünjesi bolýar: A-da B-$B^{11}$ barada we B-da A-$A^{11}$ barada düşünjeleri . Kommunikatiw tutumda özara täsir şeýle amala aşyrylýar: B-e ýüzlenip A $A^1$ hökmünde gepleýär. B $B^1$ hökmünde $A^{11}$ -nyñ sözüne jogap berýär.Bularyñ hemmisiniñ hakyky A we B golaýdygyny subut etmeli bolýar;

# Bap IV. Aragatnaşygyñ usullary

## 3.1. Aragatnaşygyñ usullaryny dörediji şertler

Bilişimiz ýaly şahsyýet gaýtalanmaýan özboluşly gurluş bolup, onuń bu özboluşlygy bir tarapdan genetiki – fiziologiki şertler arkaly, ikinji tarapdan, bolsa onuń tejribe esasynda özleşdiren özüńi alyp baryş endikleri arkaly döredilýär. Şeýle özboluşlylyk aragatnaşyk hadysasyna hem mahsusdyr. Umumy derejede aragatnaşygyń usuly bu onuń mazmuny bilen daşky ańladyş düzüjisiniń özara durnukly utgaşmasydyr. Eýsem, şahsyýetiń stilleriniń gözbaşy nämeden gaýdýar?

Onuń psihologik derejeleri nämeden ybarat?

Gözbaş dogrusynda aýdylanda biz adamlaryń özara gatnaşyklarynda toparara, işewür hem-de şahsyýetara ýagdaýlaryń – situasiýalaryń bolýanlygy mälimdir.

Diýmek, sosial ýagdaýlar, olaryń görnüşleri aragatnaşykda stil dörediji esaslaryń biridir.

Ikinjiden hususy psihologik jähtden şeýle stil dörediji şertleriń hatarynda taraplaryń aragatnaşykda bir-birlerine gönükdirýän maglumatlarynyń täsirleriniń maksadynyń (nämä gönükdirilýänliginiń) we motiwiniń (nämäniń haýryna) biri-birine gabat gelip ýa-da gelmezligi bolup durýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly ritual aragatnaşyk stili öz gözbaşyny toparara gatnaşyklar ýagdaýyndan – situasiýasyndan alyp gaýdýar. Bu usul özüniń esasy maksady boýunça garşydaşyna täsir etmekligi, onuń psihologik ýagdaýyny üýtgetmekligi göz öńünde tutmaýar.Onuń esasy maksady adamyń özüniń haýsydyr bir jemgyýete, sosial topara degişlidigini beýan etmek we ony ykrar etdirmekdir. Bu usulda mazmunly maksada gönükdirilme, düýpli many, psihologik mazmun bolmaýar. Şonuń üçin ritual aragatnaşygy psihologiýasyz aragatnaşyk usuly hem diýip atlandyrýarlar.

Ritual argatnaşyk rollar boýunça amala aşyrylýan aragatnaşykdyr. Bilişimiz ýaly şeýle roller sosial rol we şahsyýetara rol görnüşlerde bolýar.

Sosial roldan amala aşyrylýan ritual aragatnaşygyň iň ýönekeý görnüşi salamlaşmak däp-dessury – ritualydyr. Ýokarda aýdylandan ugur alsak adam salamlaşmak bilen özüniň adamzat urugyna degişlidigini beýan edip, garşydaşyna bolsa ony ykrar etdirmäge ymtylýar.

10 – 20 ýyl biri-birlerini doglan gününe çagyryşýan adamlar toparçasynyň oturlyşygynda olaryň ählisi biri-birleri barada ähli zady bilýärler. Ýöne olar şol bir bilýän zatlaryny aýdyşmakdan özboluşly lezzet alýarlar. Bu ýerde ritual aragatnaşyk şahsyýetara rol jähtden amala aşyrylýar.

Ritoalyň umumylygy bilen bir hatarda dürli medeniýetlere laýyklykda özboluşlylygy hem bardyr. Mysal üçin: türkmenleriň, ruslaryň salamlaşmagynda “nähili ýagdaýlar?” sowalyna “erbet däl, kadaly - normalno” diýip jogap gaýtarmak ritualyň çäginde bolýar. Emma “aý, sen sorama” diýip jogap gaýtarylmagy eýýäm ritualdan çykmak bolýar. Sebäbi şeýle jogap garşydaşyňa “name boldy?” diýip içgin gyzyklanma geçmäge mejbur edýär. Bu bolsa aragatnaşygyň başga bir usulyna häsiýetlidir.

Aýdaly, amerikan medeniýetinde saglyk amanlyk soranşanlarynda “nähili ýagdaýlar?” diýen sowala “gül ýaly (tine)” diýip jogap gaýtarylanda ol ritualyň çäginde. Emma “kadaly - normalno” diýip jogap gaýtarylysa, ol eýýäm kadadan, riritualyň çäginden çykmak bolýar. Edil şonuň ýaly hem käbir medeniýetlerde nahardan doýandan soň gägirmek arkaly öý eýesine minnetdarlyklaryny bildirýärler.

Şol bir wagtyň özünde çylşyrymly rituallar hem bolýar. Musal üçin: dissertasiýa goralanda ondaky diňe bir çykyşlar däi-de, eýsem takyk soraglara takyk jogaplar hem eýýäm öňünden belli bolýar. Emma şeýle-de bolsa, özüniň

resmi we resmi däl apponentleri bilen çekişmä goşulýar. Çehowyň "Orator" hekaýasynda merhum jaýlananda çykyş edýän adam kimiň ölendigini doly aňşyrman, öz üniň öwgüli sözlerini başga bir adamyň adyny tutup, oňa gönükdirýär.

### 4.2 Işewür aragatnaşyk

Bu usulyň şeýle atlandyrylmagy belli bir sowallary döredýär. Munuň sebäbi aragatnaşygyň öz maksadyňy ileri tutup, onuň garşydaşyňkydan has üstem netijeli bolmaklygyna gönükdirilen aragatnaşygy diňe albaýly, al salýan argatnaşyk diýip atlamdyrmak bu usuly örän daraltmakdyr. Başgaça aýdanyňda, bu usuly oňyn däl-otrisatel öwüşginli atlandyrmadan boşadyp, ony argatnaşygyň işewür usuly atlandyrmak has göwnejaýdyr. Eýsem, bu usulyň esasy psihologik aýratynlygy name? Bu aýratynlyk aragatnaşygyň bu görnüşinde garşydaşyň öz maksadyňa ýetmek üçin diňe serişde hökmünde seredilýänligi, ulanylýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Esasy psihologik häsiýetnamasyndan görnüşi ýaly argatnaşygyň bu usulynda taraplar belli bir kadalary berjaý edip, öz maksatlaryny ileri tutup, utuş gazanmaklyga umtylýarlar. Munda garşydaşyň maksady gymmatlyk däl-de, serişde gymmatlygy görnüşinde kabul edilýär we ulanylýar. Hut şu sebäbe görä aragatnaşygyň işewir – albaýly usulynda aragatnaşygyň öň seredilen taraplaryndaky garşydaşyňdan üstün çykmaklyga mümkinçilik berýän ähli psihologik täsirler al salmalar işjeň ulanylýar. (üstemlik, ýakymlylyk, gatnaşyk, ýakym, ilkinjilik, täzeçillik we beýleki täsirler).

Agzalýan usulda aragatnaşygyň perseptiw, kommunikatiw, interaktiw taraplary düýpli özboluşlylyga eýe bolýar. Aragatnaşygyň perseptiw tarapy barada aýdylanda albaýly argatnaşykda taraplaryň biri-birini

kabul ediş we düşüniş boýunça esasy usuly steriotipleşdirmeklik we sebäp ýöňkemeklik bolýar.

Bilişimiz ýaly steriotipleşdirmeklik – bu garşydaşyň barada örän az maglumatyň esasynda ol barada giňişleýin, umumylaşdyrylan netijä gelmekdir. Steriotip şol bir wagtyň özünde bu adamy ol barada çäkli maglumat esasynda ony haýsydyr bir sosial topara goşmakdyr. Albaýly argatnaşykda sretiotipleşdirmek bilen bir hatarda şahsyýetiň "öz bilişiňe laýyk, ineplitist" taglymatyny döretmek usuly hem ulanylýar. Mysal üçin: eger-de adam ýumşak bolsa, biz onuň galan häsiýetlerini özümizçe döredýäris: eger adam ýumşak bolsa, diýmek ol geçirimli, erbetligi, ýamanlygy tiz unudýan, aidamaga oňaýly, karzyny soramaýan we ş.m. ýaly bolmaly diýip öz ýanymyzdan özümizçe şahsyýet taglymatyny döredýäris. Steriotipleşdirme we özüňçe şahsyýet taglymatyny döretmek oňaýly, adam barada çalt netijä gelmeklige mümkinçilik berýän ýaly artykmaçlygy bilen bir hatarda, ol şol bir wagtyň özünde düýpli ýalňyşlyklara hem getirýär.

Öň belleýşimiz ýaly aragatnaşygyň bu usulynyň esasy aýratynlygy, garşydaşyňy öz maksadyňa ýetmek üçin serişde görnüşinde ulanmak bolýanlygy üçin munda taraplar bir-birini bütewi şahsyýet görnüşinde däl-de öz maksadyňa ýetmäge oňaýlylyk döredýän funsional hyzmat birlikleri görnüşinde kabul edýärler.

Şeýle kabul edişiň bolsa esasy dörediјisi – mehanizmi steriotipleşdirme, nädogry sebäp-niýet ýöňkeme ýaly hadysalar bolup durýar.

Aýdaly bir alym maşgalasy bilen bejeriş toplumyna-kurorta gidýär. Ol öz ylmy işini dynç alyş döwründe gutarmakçy bolýar. Gije işlemek üçin kofe alan hem bolsa, elektrik gaýnadyjyny almagy ýadyndan çykarýar. Iş ýöredijide – administratorda elektrik gaýnadyjy bar hem bolsa, ol ony hiç kime berenok. Aýdaly şu gün nobatçylyk edýän orta ýaşlaryndaky aýal alymyň alty ýaşly ogluny

görende ońa mähirli ýylgyrýar. Kä halatda kemput uzadýar. Bu aýaldan gaýnadyjjyny haýyş etmek üçin alym öz ýanyndan döreden "Mähirli mama" steriotipini yzygider amala aşyrmak üçin edil şońa laýyk öz-özüni ońa teklip etmeli bolýar. Ol ýańky aýala "Oguljygymyz gyzdyrýar ońa derman gaýnatmak üçin gaýnadyjy zerur" diýip ýüzlenýär we gerek zadyny alýar. Ertesi gün nobatçylyk edýän aýal otuz ýaşlaryndaky ýüzi bezeg suwlary bilen tämizlenen, ýańaklary gyzardylan keşpdäki aýakdan gaýnadyjjyny almak üçin ol eýýäm "gözelligiń gadryny gözel biler" steriotipini ulanmaly bolýar. "Aýalymyń ýüzi gün şöhlesinden urgy alyp bozulypdyr. Ol bu ýüzüm bilen ile görnüp biljek däl diýýär. Ony bejermek üçin gaýnag suw-siziń gaýnadyjyńyz zerur." Diýýär. Az salymdan gaynadyjy onuń elinde bolýar. Aibaýly argatnaşyk usulynyń kommunikatiw tarapynyń hem degişli özboluşlylygy bardyr. Taraplar bir-birlerine degişlilikde öz ýanyndan garşydaşyny "Maglumaty kabul ediji" we "Maglumaty teklip ediji" ýaly iki toparlaryń birine goşup, edil şońa laýyklykda hem öz aragatnaşyk işini guraýar.

Düýpli özboluşlylyk aragatnaşygyń bu görnüşiniń interaktiw tarapynda hem bolýar. Transakt seljermesinden ugur alnyp aýdylanda taraplar öz maksadyna ýetmäge ońaýly bolan islendik orundan (ata, ene, uly adm, çaga) hereket edip bilýär. Mysala ýüzleneliń:

- Ol duran kostýumyń bahasy näçe?
- Bahasy seniń mümkinçiligińdenhas ýokarrak. Ýöne häzir iń bir ýörgünli

nusga. Ilkinji gezek bilen ýüzbe-ýüz bolýan adamlara biri-birini kabul etmeklik we özara düşünişmeklik birek-biregiñ ýüzüni, tutuş göwresini çalt "okamak" görnüşinde geçýär. Aýdaly, täze işe duran M.I. bilen G.P. bir otagda işlemeli bolýarlar. M.I. G.P-ny gören badyna "Şüýä gowy bolaýdy, iñ esasy zat gürleşmäge adam bar" diýip pikir ýöredýär we mundane beýläkki özüni alyp barşyny şu

pikire laýyklykda hem guraýar. G.P. bolsa, M.I-ni gören badyna “Meňki ýene-de bolmady, şu tetelli adam bilen nähili işleşjek” diýen mazmunda pikir ýöredýär.Eýsem bularyň şeýle gysga wagt aralygynda biri-birini kabul edip, şeýle pikire esaslanmagy nämä esaslanýar?

Birinjiden, bularyň her biriniň özboluşly durmuş tejribesi bar we onuň esasynda dünýä barada, adamlar barada özleriniň garaýyşlary, duşünjeleri bar. Diýmek, adamlar ökabul edişde öňki tejribesinden degişli keşpleri çykaryp alyp ony garşydaşynyň ýüzüne, keşbine “dakýar”. Mundan beýläk bolsa, oular özara herketlerinde şol dakan keşpleri bilen aragatnaşyk guraýarlar. Garşydaşynyň hakyky-obýektiw keşbi bolsa, ikinji orna geçär.

Eýsem geçen tejribeden çykarylyp alnan keşbiň, garşydaşyň hakyky-obýektiw durky bilen gabat gelmekligi, meňzeşligi hähili bolýarka?

Elbetde, garşydaşyňa subýektiw ýöňkelen onuň keşbi bilen,onuň hakyky-obýektiw durkunyň arasynda belli bir gabat gelmeklik, meňzeşlik hökman bolýar. Şu meňzeşligiň ýokarylygy ýa-da pesligi adamlaryň özara kabul edişindäki we düşünuşmegindäki takyklygy ýa-da ýalňyşlygy döredýär. Ilkinji görýän garşydaşyňa “sen şeýleräk admsuň”diýen keşbi adam birnäce esaslar boýunça döredýär.

1. Birinjiden, ol öz geçmiş tejribesinde ol ýa-da beyleki beden gurluşdaky adamlaryň nähiliräk bolýandygyny bilýär. Muny biz subýektiw fiziognomika diýip şertli atlandyryp bileris. (fiziognomika-adamyň ýüz keşbine laýyklykda onuň gylyk häsiýetini kesgitlemekdir.)
2. Ikinjiden, ilkinji duşuşýanlaryň biri-birine düşünmezligini döredýän şertlriň ýene-de biri olaryň her biriniň şu pursatdaky işjeň-aktiw islegi we garşydäsynda bu islegi kanagatlandyrmaga laýyk zadyň bolmagy.
3. Uçünjiden, taraplaryň biri-birini kabul etmeginde degişli keşbi döredýänşertleriň biri,

adamyñ öz-özüni teklip etmekligidir.(özüne intelligent diydirjek bolýan adam eşigi resmi, sözlemleri çylşyrymly,hereketleri agras görnüşdäki sypatlary döredýär. Elbetde garşydaşynyn muny äsgermezligide mümkindir)

Ýokarky mysala ýene-de bir gezek ýüzlensek, ilkinji nobatda tarplaryñ biri-birine ýüz keşpleri, beden gurluşy esasyda baha berişlerine duşýarys. Biz dolmuş, gysga boýly adamlaryñ şadyýan, gürleşmäge meýilli, ýüreginde kine saklamaýan ýaly häsiýetleri özünde jemleýändigini bilýäris. Tersine, uzyn boýly, hortañ, kellesi uly, gaşlary çytyk adamlaryñ ynjyk, garşydaşynyñ köpsözlüligine çydamsyz,gürleşmäge meýilsiz durkda bolýanlygyny hem bilýäris. Ýokardaky mysalda M.I dolmyş, garynlak, kelte boýly adambolsa, G.P hortañ uzyn boýly adam. Muña laýyklykda taraplaryñ biri-biri barada ilkinji pikiri, obrazy olaryñ öñki tejribesinde özleşdiren dolmuş we hortañ adamlar barasyndaky ýatlamasy esasynda döreýär.

Indi şeýle keşp döretmekde adamyñ şu pursatdaky işjeñ isleginiñ ähmiýeti barada. Aýdaly M.I täze iş ýerinde woleýbol toparyny döretmek isleýär. Ol hut şonuñ üçin-de garşysyndaky G.P-nyñ uzyn boýly hortañ keşbini görüp begenýär, agtarýan zadyny tapandyr öýdýär. G.P bolsa, soñky döwürlerde öz ýanyndan dert-azar semremezligiñ aladasyny edýär. Hut şonuñ üçin-de ol M.I-niñ gysga boýly, garynlak keşbini gören badyna "Munuñ bar aladasy garny bolmaly, bu gäwüşäp otursa men hem bialaç goşulmaly bolaryn" diýip gynanýar.Şonuñ üçin hem ol "Meñki ýene bolmadow" diýýär.

Ilkinji özara kabul edişde garşydaşyñ barada ilkinji keşbi döredij şertleriñ biri-de **öz-özüñi teklip etmek** hadysasydyr. Biz şol bir talybyñ synag wagtynda, dekanatda goýberen sapagyna düşündiriş berýän wagtynda, deñ-duşlarynyñ arasynda, toy-meýlisde, telewideniýa düşýän wagtynda özi barada garşydaşynda oñaýly pikir, keşpdöretmek üçin özüni tutuşy, teklip edişi

dürli-dürlüdir. Ol bir ýagdaýda garşydaşynda “Men özüme göwnüm ýetýän adamdyryn” keşbi döretmeklige çalyşsa, ikinji bir ýagdaýda “Men örän mysapyrdyryn” diýen pikir-keşbi döretmeklige laýyklykda özüni alyp barşyny guraýar, teklip edýär.

## 4.3 Aragatnaşygyň ynsanperwer usulynyň psihologik aýratynlyklary

Bellenilişi ýaly, ynsanperwer aragatnaşyk öz gözbaşyny şahsyýetara gatnaşyklaryndan alyp gaýdýar. Bu iň bir çuňňur psihologik mazmunly hemişe şahsyýete gönükdirilen aragatnaşykdyr. Ritualyň jemgyýetde kabul edilen däp-dessura, albaý manipulýatiwiň bolsa öz maksadyňa ýetmeklige gönükdirilendigini nazara alsak, ynsanperwer aragatnaşygyň hut şahsyýete gönükdirilendigi has düşünikli bolýar. Bu aragatnaşygyň psihologik özboluşlylygynyň biri-de onda taraplaryň akyl ýetirişiniň, duýgy-emosiýasynyň, erk-hereketiniň bir-birine laýyklygy, ugurdaşlygydyr. Ynsanperwer aragatnaşygyň maksady garşydaşyň bilen bagly bolup, ilki başdan hem meýilnamalaşdyrylmaýarlar. Olar aragatnaşygyň dowamynda ýüze çykýarlar we aýdyňlaşýarlar. Gumanistiki aragatnaşygyň ýagdaýlary hemmä mälimdir-otlydaky ýolagçylaryň arasyndaky gürrüň bu gumanistik aragatnaşygyň iň ýönekeý mysalydyr. Gumanistik aragatnaşyk diňe ýagdaý bilen kesgitlenmeýär. Ol aragatnaşyga gatnaşyjylaryň maksatlary we ugrukmasy bilen baglydyr. Onuň käbir ýagdaýlary öňünden çaklanylýandyr we şeýle ýagdaýda ynsanperwer aragatnaşygyň beýleki görnüşler bilen çalşyrylmagy oňaysyz kabul edilýär. Şol bir wagtyň özünde hem gumanistik aragatnaşyk ýagdaýlarynyň we onuň aýratyn bölekleriniň ýerliksizligini görkezmek bolar. Mysal üçin, sorag-jogap gullugynyň telefonistleriniň özüni gyzyklandyrýan zady soramaga derek olar bilen

ynandyryjylykly aragatnaşyga girmek isleýän adamlara gaharlary gelýärler.

Ynsanperwer aragatnaşygyň has ähmiýetli, beýleki aragatnaşyklardan tapawutlandyrýan häsiýetleriň biri-de garşydaşlaryň duýgudaşlygydyr, has takygy olaryň kongruentliligidir (biri-birine bütinleý, dolulygyna gabat gelmeklik, meňzeş bolmaklyk). Ynsanperwer aragatnaşygyň maksady garşydaşyňa bagly bolup, ilki başdan hem meýilnamalaşdyrylmaýarlar. Bu aragatnaşygyń psihologik özboluşlylygynyń biri-de onda taraplaryń akyl ýetirişiniń, duýgy-emosiýasynyń, erk-hereketiniń bir-birine laýyklygy, ugurdaşlygydyr. Belli psiholog K.Rožers şeýle gabat gelmekligi "kongruentlik" diýip atlandyrýar. K.Rožers kongruentligi döredýän hadysalar hem-de tejribäni çyzlyşy we kommunikasiýany görkezýär. Ol şeýle mysal alýar: çaga elini agyrtýar (tejribe, ol agyryny syzýar we aglaýar (kommunikasiýa)). Bu hadysany hut şeýle görnüşde daşyndakylar kabul edýär, düşünýär we alada edýär. Bu doly kongruentlikdir.

Ýöne uly adamlaryń durmuşynda kongruentlik köplenç bozulýar. Kä halatlarda adam gaharly ýagdaýda bolsa-da, ol "Meniń gaharym gelenok, ýöne seniń bu edýän işiń ýapa ýarmaşanok"-diýip dillenýär. Bu ýerde adamyń pikiriniń, duýgusynyń, sözleýşiniń aýrybaşgalygy, ýagny, kongrentsizligi ýüze çykarýar.

Rožers has umumylaşdyrylan görnüşde aragatnaşyk tutumynda konkurentligiń özara laýyklygynyń döreýşiniń kanunalaýyklyklaryny hem ýüze çykarýar:

1. Eger-de taraplaryń ikiside bir-biri bilen aragatnaşykda bolmaklyga meýilli bolsalar;
2. Eger-de olaryń bir-biri bilen aragatnaşykda bolmaklyga belli bir mümkinçiligi we taýýarlygy bar bolsa;
3. Eger-de taraplaryń özara aragatnaşygy has dowamly wagta uzaýan bolsa, onda bularyń mundane

beýläkgi aragatnaşygynda pikirlenmäniń, duýgularyń, ańlaýşyń,kommunikasiýanyń kongurentligi ýüze çykarýar.

Ynsanperwer aragatnaşygyń hem kabul ediş, maglumat alyş, özara herket taraplarynda degişli aýratynlyklar bardyr. Bu aragtnaşygyń kabul ediş tarapynyń esasy mehanizmi empatiýa we identifikasiýa bolup durýar. (steriotipleşdirmek bu argatnaşyk üçin düýbünden ýatdyr)

Onuń kommunikatiw tarapy barada aýdylanda bolsa, munda iki tarapyń hem birek-birege çuńńur ynançly gatnaşygy bolýanlygy üçin taraplar hemişe iki taraplayyn kommunikasiýa häsiýetde maglumat alyşýarlar. Özara ynamlylyk dil üsti we dil üsti däl aragatnaşyk serişdeleriniń deń derejede üstünlikli ulanylmagyna mümkinçilik döredýär.

Munuń özara hereket tarapynda transaksiýalar hemişe deń derejeli we bir-biriniń üstini ýetirijilikli häsiýetde bolýar.

## 4.4 Ynsanperwer aragatnaşygyň düzüm bölekleriniň häsiýetnamasy

Aragatnaşykda birek-birege gabat gelmekligiň ýa-da gabat gelmezligiň tapawudyny şu mysalda düşündirip bolar. Biz birinde myhmançylykda otyrys. Telefon jyrlaýar. Biz biygtyýar ýagdaýda telefon gepleşigini diňleýäris. Adatça, gepleşik “allo”, “diňleyän” we ş.m sözlerden baslanýar. Ýöne bu sözleriň aýdylyş aheňi dürli-dürli bolup biler. Eger-de adam bir ýere howlukýan bolsa, ol çalt geplär, bir zada gahary gelýän bolsa gaharly geplär we ş.m. Ýöne köplenç adam birmeňzeş jogap berýär şonuň uçin gepleşigiň iki usuly bolup biler. Biz köplenç jaň edýäne baglylykda gepleşigiň biri-birinden tapawutlanýandygyny synlaýarys. Hojaýyn wajyp meseleler barada sylanşykly gepleyär ýa-da güýçli ýadandygyny görkezip öz kyn durmuşy barada gürrüň berip başlaýar. Her bir ýagdaýa laýyklykda onuň sesi,

intonasiýasy, gürrüňiniň ugry dürli-dürli bolýar. Ikinji bir ýagdaýda hojaýyn kim bilen we name hakynda gürleşýändigine garamazdan özüniň birsyhlylygyny saklaýar. Eger onuň işi bar bolsa, ol bu barada aýdyp soň jaň etmeklerini soraýar. Eger-de gahary gelip duran bolsa, ol muny ýygşyrmaga çalyşýar. Eger-de gyzykly bir zat bolup geçen bolsa ol muny hemme kişa gürrüň berýär. Birinji ýagdaýda hojaýyn albaýly aragatnaşyk alyp barýar. Ikinji ýagdaý bolsa kongruent aragatnaşygyň aýdyň mysalydyr. Adam nähili gürleşse-de, ol öňi-soňy adam bolup galýar. Ynsanperwer aragatnaşykda ýekebaralylyga baglylygy görünýär. Hut şonuň üçin hem ynsanperwer aragatnaşyk beyan edilýän ähli aragatnaşyklardan iň bir psihologigidir.

Ynsanperwer aragatnaşygyň öz aýratynlyklary bardyr. Şuňa laýyklykda aragatnaşygyň häsiýetlerine-de belli bir talaplary bildirýändir. Ynsanperwer aragatnaşygyň kabul ediş, maglumat geçiriş we özara hereket taraplarynyň hem bu ýerde özboluşly aýratynlygy bardyr.

Ynsanperwer aragatnaşygyň kabul ediş tarapy öz mehanizmlerine başga birine düşünmekligi kabul etmekligi, şeýle-de özüňi tanyşdyrmaklygy we kabul etmekligi öz içine alýar. Ony şahsyýetara gatnaşyk hökmünde seredip bolýandygy üçin aragatnaşygyň bu görnüşinde sosial kabul etmeklik, empatiýa we identifikasiýa mehanizmleriniň hasabyna amala aşýar.

**Empatiýa** – bu beýleki bir adama düşünmekligiň we ony kabul etmekligiň mehanizmidir. “Empatiýa bir adamyň şahsyýetiniň beýleki adamyň şahsyýeti bilen deňleşip, onuň beýleki adamyň duýgularyna geçmegini aňladýar.” Empatiýada bir adamyň beýleki adamy “arassa görnüşde” kabul etmegi, tanamagydyr. Empatiýa beýleki bir adamy takyk kabul etmek “usulydyr”. Sebäbi oňa stereotip göz öňüne getirmeler we düşündirmeler gapdaldan oňaýsyz täsirlerini ýetirip bilmeyärler. Ynsanperwer aragatnaşykda bir adam beýleki adamy

stereotipli däl-de, ýagny, hut şu pursatda zeryr we zerur däl häsiýetlere, gerekli we gerekli däl fuksiýalara bölmän bütewiligine kabul edýär. Şonuň üçin hem otluda ýolagçy bilen iki sagat gepleşenimizden soň, biziň ony tanandygymyza, oňa düşünendigimize ynamly bolup bilyäris. Şol bir wagtyň özünde birnäçe ýylyň dowamynda günde diýen gabatlaşýan hojaýynyň kätibiniň nähili adandygyna düşünmeyäris, ýa-da örän erbet düşünyäris. Hiç hili maksat yzarlaman biri-birine düşünişmäge ymtylyp, biziň aç-açan gürleşen ýolagçymyz "bize ýüreginini açdy", biz ony "duýduk". Kätip bilen aragatnaşyk bolsa, käbir derejede albaýly häsiýetlidir. Şonuň üçin hem biz ony çäkli kabul edýäris.

Ynsanperwer aragatnaşygyň maglumat gecirmek tarapynyň aýratynlyklary hem taraplaryň özaragatnaşyklaryndan gelip çykýar. Ynsanperwer aragatnaşyk bu birek-birege ynançly aragatnaşykdyr. Ynanç bolsa maglumat geçirmegiň netijeli bolmagynda ähmiýetlidir. Ynsanperwer aragatnaşykda ynandyrma, suggestiýa esasy täsir ediş mehanizmleri bolup durýar. Suggestiýa – mümkin bolan ähli mehanizmleriň içinde iň täsirlisidir. Ynandyrma ýönekeý bolman, ol ikitaraplaýyn ynandyrmadyr. Sebäbi aragatnaşyga gatnaşýanlar biri-birine ynanýarlar, şonuň üçin hem ynsanperwer aragatnaşykda maglumat alyşmagyň netijesi bir adamyň dal-de, ikisiniň hem bilelikäki pikirleriniň üýtgemegidir.

Eger-de ritual aragatnaşykda ýagdaý ýa-da hususy öz başdan geciryän duýgularyň esasy obýekt bolup durýan, bolsa albaýly aragatnaşykda obýekt ýa işjeň, ýa-da işjeň däldir. Emma ynsanperwer aragatnaşykda täsir ediş obýekti, sözüň hakyky manysynda subýekti hakykatdan hem işjeňdir. Kaganyň belleýşine görä, aragatnasyk subýektiwleriň arasyndaky özaratäsirdir. Onda iki ýa-da ähli aragatnaşyga gatnaşýanlar dolandyryşyň, täsir edişiň, terbiýeleýşiň obýekti hökmünde däl-de, subýekti hökmünde çykyş etmelidirler. Diňe ynsanperwer

aragatnaşyk Kaganyň kesgitlemesine gabat gelip hakyky aragatnaşyk bolup durýar. Şeýlelikde, islendik täsir bir tarapa gönükdirilen däldir. Sebäbi ol bilelikdäki üýtgemäni göz önunde tutýar.

Ynsanperwer aragatnaşygyń hem kabul ediş, maglumat alyş, özara herket taraplarynda degişli aýratynlyklar bardyr. Bu aragtnaşygyń kabul ediş tarapynyń esasy mehanizmi empatiýa we identifikasiýa bolup durýar. (steriotipleşdirmek bu argatnaşyk üçin düýbünden ýatdyr)

Onuń kommunikatiw tarapy barada aýdylanda bolsa, munda iki tarapyń hem birek-birege çuńńur ynançly gatnaşygy bolýanlygy üçin taraplar hemişe iki taraplayyn kommunikasiýa häsiýetde maglumat alyşýarlar. Özara ynamlylyk dil üsti we dil üsti däl aragatnaşyk serişdeleriniń deń derejede üstünlikli ulanylmagyna mümkinçilik döredýär.

Munuń özara hereket tarapynda transaksiýalar hemişe deń derejeli we bir-biriniń üstini ýetirijilikli häsiýetde bolýar.

## 4.5 Aragatnaşykda psihologik ugrukmalaryň görnüşleri

Bilşimiz ýaly, aragtaşykda taraplar sözleýşiň netijeli bolmagy üçin bir-birine degişlilikdebirnäçe zatlary öňünden aňşyrmaly bolýarlar.

Birinjiden, taraplar gürrüňiň mowzugy dogrusynda belli bir meňzeş göz öňüne getirmeler döretmeli bolýarlar.

Ikinjiden, olar bir-biriniň şahsyýeti dogrusynda düşünjeler esaslandyrmalydyrlar.

Üçünjiden, olar gürrüňiň netijesi dogrusynda hem belli bir göz öňüne getirmeleri döretmelidirler.

Şol bir wagtyň özünde aragatnaşygyň taraplara laýyklykda deňagramly (sinhron) häside guralmaklygy üçin taraplar birnäçe zatlary göz öňünde tutmalydyrlar.

1. Aragatnaşykda maglumatyň (täsiriniň) göwrüminiň deňeçerligi gazanylmalydyr.

2. Aragatnşygyň depgini hem taraplaryň her birinde deňeçerräk bolmalydyr.

3. Üstemlik-tabynlyk ylalaşykly guralmalydyr.

4. Aragatnaşygyň içginliligi her taraplara degişlilikde belli bir deňlikde bolmalydyr.

Aragatnaşykda şeýle deňagramlylygy gazanmak üçin taraplar belli bir häsiýetlerden ugur almaly bolýarlar.

**Ilkinji** nobatda taraplar argatnaşygyň many-semantika tarpyna degişlilikde ugur alma-oriýentirlenme döretmeli bolýarlar.

**Ikinjiden,** olar eýeleýän orunlary-tranzaksiýalary dogrusynda ugrukma almalydyrlar.

**Üçünjiden**, olar aragatnaşygyň giňişlik-wagt aralygynda ugrukmalydyrlar.

Aragatnaşygyň giňişlik ugrukmasyna laýyklykda onuň guralyşynyň birnäçe giňişlik zolaklaryny ýüze çykarmak mümkin.

1. Içginlik aralygy (distamsioýasy)-munuň golaý zolagy taraplaryň göz-göni galtaşmasy bolup, uzak zolagy 15-45 sm.

2. Şahsy aralyk- munuň golaý zolagy 45-75 sm.

3. Sosial aralyk-(bilelikdäki işiň alnyp barylýan zolagy) golaý aralygy 120-220 sm, uzak zolagy 360 sm.

4. Köpçülik (publika) aralygy-golaý zolagy 3,5-7,5 m, uzak aralygy 7,5 m-den ýokary. (bu aralyklar amerikan medeniýetine degişlilikde kesgitlenendir)

Aragatnaşygyň giňişlik hasiýetnamasynyň aýratynlyklary demirgazyk-günorta, şäherli we obaly, ýokary bilimli ýa-da bilimsiz, we ş.m degişlilikde hem kesgitlenendir.

Aragatnaşygyň maglumat alyşmak tarapyny informasion taglymatyň çäginde düşündirmek kyn hem

bolsa, aragatnaşygyň bu tarapynyň derňewinde informasion taglymatyň käbir düşünjeleri üstünlikli ulanylýar. Meselem, informasion taglymatda giň ýaýran maglumat geçirişiň akseal (ok) we retial (tor) görnüşleri social psihologiýada hem düşündiriş nusgasy bolup hyzmat edýär.

**Akseal** – ok – kanaly, bu maglumaty bir adrese-salga geçirmekdir. Maglumat haçan-da örän möhüm bir bada köp salgylara geçirmeklik mümkin bolmadyk ýagdaýynda akseal usul ulanylýar. Haýsydyr bir jemgyýet derejesinde ähmiýetli, halk köpçüliginiň bir bada doly düşünip bilmejek ýa-da olarda nägilelik döredip biljek ähtimallygy bolan maglumatlar akseal usulda gecirilýär. (Harytlaryň gymmatlamagyny, emeli iýmitlere geçmek zerurlygyny we beýleki adamlary birbada ynjalyksyzlandyryp biläýjek maglumatlary ilki sanlyja, ähtibar salgylara habar berip, olaryň üsti bilen bolsa, kem-kemden giň köpçülige ýaýratmaklyk has oňaýlydyr.)

**Retial** – maglumat geçiriş usuly bolsa tersine, haýsydyr bir maglumaty bir bada köp sanly salgylara habar bermekde ulanylýar. Bu adatça ýakymly habarlary wakanyň has öňünden ýa-da gidip duran pursaty habar bermeklikdir. (Ýokardaky mysalyň oňyn mazmunlary)

**Ugrukdyryjy informasiýa** – ol ýa-da beyleki adamlar toparyny ol ýa-da beýleki işe gönükdirmekde ýa-da ondan sowmakda ulanylýar. Ugrukdyryjy informasiýa öz gezeginde işjeňleşdiriji (aktiwiziruýuşiý) we togtadyjy (interdiksiýa) hem-de bulaşyklyk, agzalalyk dörediji görnüşlere bölünýär.

**Yza dolanýan baglanyşyk** hadysasy fiziologik derejede XX asyryň 20-nji ýyllarynda Sowet alymlary P.K. Anohin, N.A Bernşteýn tarapyndan esaslandyrylyp, ol 40-njy ýyllarda dörän täze ylym – kibernetikenyň özeni düşünjesi boldy. Pedagogik ulgamda yza dolanýan baglanşyk mugallymyň synp, auditoriýa bilen üznüksiz iki taraplaýyn gatnaşykda bolmak ussatlygy bilen

baglanyşyklylykda ýüze çykýar. Aragatnaşykda yza dolanýan baglanyşyk- bu taraplaryñ dil üsti we dil üsti däl kanallary arkaly bir-birleriniñ maglumatyny kabul etmek we oña düşünmeklik aladasy bilen baglanşyklydyr. Taraplar oýdan maglumatynyñ garşydaşyna ýetendigini ýa-da bu ýoldaky päsgelçiliklere ulaşyp galandygyna göz ýetirmek üçin para-ekstralingwistik, proksematik we göz üsti galtaşma ugrugyp, yza dolanýan baglanyşygy üpjün edýärler.

Bilşimiz ýaly, aragtaşykda tarapalar sözleýşiň netijeli bolmagy üçin bir-birine degişlilikde birnäçe zatlary öňünden aňşyrmaly bolýarlar.

Birinjiden, taraplar gürrüňiň mowzugy dogrusynda belli bir meňzeş göz öňüne getirmeler döretmeli bolýarlar.

Ikinjiden, olar bir-biriniň şahsyýeti dogrusynda düşünjeler esaslandyrmalydyrlar.

Üçünjiden, olar gürrüňiň netijesi dogrusynda hem belli bir göz öňüne getirmeleri döretmelidirler.

Şol bir wagtyň özünde aragatnaşygyň taraplara laýyklykda deňagramly (sinhron) häside guralmaklygy üçin taraplar birnäçe zatlary göz öňünde tutmalydyrlar.

1. Aragatnaşykda maglumatyň (täsiriniň) göwrüminiň deňeçerligi gazanylmalydyr.

2. Aragatnşygyň depgini hem taraplaryň her birinde deňeçerräk bolmalydyr.

3. Üstemlik-tabynlyk ylalaşykly guralmalydyr.

4. Aragatnaşygyň içginliligi her taraplara degişlilikde_belli bir deňlikde bolmalydyr.

Aragatnaşykda şeýle deňagramlylygy gazanmak üçin taraplar belli bir häsiýetlerden ugur almaly bolýarlar. Ilkinji nobatda taraplar argatnaşygyň many-semantika tarpyna degişlilikde ugur alma-oriýentirlenme döretmeli bolýarlar. Ikinjiden, olar eýeleýän orunlary-tranzaksiýalary dogrusynda ugrukma almalydyrlar. Üçünjiden, olar aragatnaşygyň giňişlik-wagt aralygynda ugrukmalydyrlar.

Aragatnaşygyň giňişlik ugrukmasyna laýyklykda onuň guralyşynyň birnäçe giňişlik zolaklaryny ýüze çykarmak mümkin.

1. Içginlik aralygy (distamsioýasy)-munuň golaý zolagy taraplaryň göz-göni galtaşmasy bolup, uzak zolagy 15-45 sm.
2. Şahsy aralyk- munuň golaý zolagy 45-75 sm.
3. Sosial aralyk-(bilelikdäki işiň alnyp barylýan zolagy) golaý aralygy 120-220 sm, uzak zolagy 360 sm.
4. Köpçülik (publika) aralygy-golaý zolagy 3,5-7,5 m, uzak aralygy 7,5 m-den ýokary. (bu aralyklar amerikan medeniýetine degişlilikde kesgitlenendir)

Aragatnaşygyň giňişlik hasiýetnamasynyň aýratynlyklary demirgazyk-günorta, şäherli we obaly, ýokary bilimli ýa-da bilimsiz, we ş.m degişlilikde hem kesgitlenendir.

Aragatnaşygyň maglumat alyşmak tarapyny informasion taglymatyň çäginde düşündirmek kyn hem bolsa, aragatnaşygyň bu tarapynyň derňewinde informasion taglymatyň käbir düşünjeleri üstünlikli ulanylýar. Meselem, informasion taglymatda giň ýaýran maglumat geçirişiň akseal (ok) we retial (tor) görnüşleri social psihologiýada hem düşündiriş nusgasy bolup hyzmat edýär.

Akseal – ok – kanaly, bu maglumaty bir adrese-salga geçirmekdir. Maglumat haçanda

Örän möhüm bir bada köp salgylara geçirmeklik mümkin bolmadyk ýagdaýynda akseal usul ulanylýar. Haýsydyr bir jemgyýet derejesinde ähmiýetli, halk köpçüliginiň bir bada doly düşünip bilmejek ýa-da olarda nägilelik döredip biljek ähtimallygy bolan maglumatlar akseal usulda gecirilýär. (Harytlaryň gymmatlamagyny, emeli iýmitlere geçmek zerurlygyny we beýleki adamlary birbada ynjalyksyzlandyryp biläýjek maglumatlary ilki sanlyja, ähtibar salgylara habar berip, olaryň üsti bilen bolsa, kem-kemden giň köpçülige ýaýratmaklyk has oňaýlydyr.)

Retial – maglumat geçiriş usuly bolsa tersine, haýsydyr bir maglumaty bir bada köp sanly salgylara habar bermekde ulanylýar. Bu adatça ýakymly habarlary wakanyň has öňünden ýa-da gidip duran pursaty habar bermeklikdir. (Ýokardaky mysalyň oňyn mazmunlary)

Ugrukdyryjy informasiýa – ol ýa-da beyleki adamlar toparyny ol ýa-da beýleki işe gönükdirmekde ýa-da ondan sowmakda ulanylýar. Ugrukdyryjy informasiýa öz gezeginde işjeňleşdiriji (aktiwiziruýuşiý) we togtadyjy (interdiksiýa) hem-de bulaşyklyk, agzalalyk dörediji görnüşlere bölünýär.

## Edebiýat:

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary”. A., 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal”. A., “Ylym” neşirýaty. 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr”. A., 2007.
4. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001.
5. Андреева Г.А. Социальная психология. М., 1988.
6. Агеев В.С. Психология межгрупповых отношений. М., 1983.
7. Бахтин М.М. Эстетика словестного творчества. М. 1986.
8. Бодалев А.А. Личность и общество. М.1983.
9. Выготский Л.С. Избранные психологические исследования. М., 1956.
10. Добрович А.А. Искусство общения. М., 1974.
11. Дридзе Т.М. Язык и социальная психология. М.1978.
12. Горелов И.Н. Невербальные компоненты коммуникации. М. 1980.
13. Крижанская Ю.С., Третяков В.П. Грамматика общения. МГУ, 1990.
14. Леонтьев А.А. Психология общения. Тарту, 1974.
15. Басаров Б. Психология деятельностной и ценностной опосредованности жизнедеятельности коллектива. Ашхабад, 1990.
16. Леонтьев А.А. Психологические измерения. М., 1974.

17. Лурия А.Р. Теория речевой деятельности. Проблемы нейролингвистики. М., 1968.
18. Майерс А. Социальная психология. М., 1988.
19. Панферов В.Н. Психология общения. М.. 1971.
20. Общение как предмет теории и исследования. Л., 1973.

**Mazmuny:**

**Sözbaşy...................................................................7**

**BAP I. ARAGATNAŞYGYŇ PSIHOLOGIÝASYNYŇ DERSI**

1.2 Aragatnaşygyń psihologik häsiýetnamasy..............9

1.2 Aragatnaşygyń guralyş esaslary..........................13

1.3 Aragatnaşykda serişde meselesi.....................19

**BAP II. ARAGATNAŞYKDA PIKIRIŇ WE SÖZLEÝŞIŇ GELIP ÇYKYŞ ESASLARYNYŇ UMUMYLYGY WE AÝRABAŞGALYGY**

2.1 Pikirlenme bilen sözleýişiň bütewiligi we aýrybaşgalygy.........................................................25

2.2 Akyl ýetirişiň we maglumat alyşmaklygyň özara baglanyşygy.............................................................30

2.3 Aragatnaşyk özara kabul ediş hökmünde..............34

2.4. Özara kabul edişde maglumat çeşmesi we hereketleriň sebäbini anyklamak.........................39

2.5. Aragatnaşyk pikir alyşmak we duýgy alyşmak hökmünde..............................................................45

**BAP III. ARAGATNAŞYK ÖZARA HEREKET ALYŞMAK HÖKMÜNDE**

3.1 Aragatnaşyk mazmuny hereketleriñ alyş-çalyşygy hökmünde..............................................................51

3.2 Aragatnaşykda orunlar............................54

3.3. Aragatnaşyk ýagdaýy we hereket Özara hereketiñ geçýän sosial ýagdaýlary..............61

**BAP IV. ARAGATNAŞYGYÑ USULLARY**

4.1 Aragatnaşygyñ usullaryny döredijí şertler..............66

4.2 Işewür aragatnaşyk....................................68

4.3 Aragatnaşygyň ynsanperwer usulynyň psihologik aýratynlyklary.................................73

4.4 Ynsanperwer aragatnaşygyň düzüm bölekleriniň häsiýetnamasy..........................................75

4.5Aragatnaşykda psihologik ugrukmalaryň görnüşleri..............................................................78

**Edebiýat.......................................................... .........84**